TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN ÖZÜNIŇ TEBIGY BAÝLYKLARYNY TÜRKMEN HALKYNYŇ, ŞEÝLE-DE BEÝLEKI SEBITLERIŇ HALKLARYNYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRMÄGE ÇALYŞÝAR WE BU BABATDA NETIJELI IŞLERI AMALA AŞYRÝAR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

27-nji oktýabr, 2023. Belgisi 43/1557



# MIZEMEZ DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARY BERKIDILÝÄR

25-26-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow resmi sapar bilen Türkiýe Respublikasynda boldy. Hormatly Prezidentimiziň doganlyk ýurda amala aşyran ilkinji resmi sapary iki ýurduň netijeli gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrar. Ýokary hökümet derejesinde yzygiderli guralýan özara saparlar döwletara gatnaşyklaryny ähli ugurlar boýunça pugtalandyrmaga we anyk netijeleri gazanmaga ýardam berýär. Ankarada geçirilen ikitaraplaýyn duşuşyk iki doganlyk halkyň netijeli özara gatnaşyklarynyň ýyl ýazgysyna täze sahypany ýazar hem-de toplumlaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine hyzmat eder.

Hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynyň döredilmeginiň 100 ýyllygynyň dabaraly bellenilýän günlerinde bu ýurda amala aşyran resmi saparynyň dowamynda türk Lideri Rejep Taýyp Ärdogan bilen iki dostlukly ýurduň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň dürli ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdy. Hususan-da, gepleşiklerde söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag-logistika we medeni-ynsanperwer ugurlardaky gatnaşyklara aýratyn üns berildi. Şeýle-de, saparyň jemleri boýunça birnäçe resminamalara gol çekildi.

Döwletara gatnaşyklaryny pugtalandyrmak hormatly Prezidentimiziň sebitde we dünýäde durnuklylygyň, ösüşiň üpjün edilmegine ýardam berýän daşary syýasatynyň esasy ugrudyr. Ýüzýyllyklara uzaýan türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň häzirki döwürde hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýandygy hem munuň aýdyň güwäsidir. Özara düşünişmek, ynanyşmak we pugta dost-doganlyk iki halkyň ýeten belent sepgitleri bolmak bilen, ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn esasda, ilkinji nobatda, iri halkara guramalaryň, abraýly sebit düzümleriniň çäklerinde üstünlikli ösdürilýän köpugurly hyzmatdaşlyk üçin ygtybarly giňişligi emele getirýär.

Daşary syýasatda, halkara giňişlikde parahatçylygyň, durnuklylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi ulgamynda, häzirki zaman wehimlerine garşy göreşmekde, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ýurtlarymyz işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Munuň şeýledigine olaryň Birleşen Milletler Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Türki Döwletleriň Guramasynyň çäklerinde däp bolan köpýyllyk gatnaşyklary ösdürmäge, onuň mazmunyny baýlaşdyrmaga gönükdirilen başlangyçlarda hem-de tagallalarda birek-biregi goldamaklary-da şaýatlyk edýär.

Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda aýratyn häsiýete eýe bolan özara gatnaşyklaryň ulgamy kemala geldi. Türkiýe Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygyny ilkinjileriň hatarynda ykrar eden, häzirki döwürde dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan sebit parahatçylygyny we durnuklylygyny üpjün etmegiň netijeli guraly hasaplanýan Bitaraplyk derejesini iki gezek goldan ýurtdur.

Türkmen-türk dialogynyň netijeli guraly köp babatda iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşyklary ösdürmäge berýän aýratyn ünsi bilen şertlendirilip, özara saparlaryň işjeň häsiýete eýe bolmagy Türkmenistanyň we Türkiýäniň köpugurly hyzmatdaşlygy diwersifikasiýalaşdyrmaga, söwda-ykdysady, ynsanperwer hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen tagallalarynyň özboluşly görkezijisi bolup çykyş edýär. Häzirki döwürde Türkmenistan we Türkiýe Respublikasy durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryna, iki ýurduň milli bähbitlerine doly laýyk gelýän hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga çalyşýarlar. Üstünlikli amala aşyrylan hem-de durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilýän giň gerimli bilelikdäki taslamalar munuň aýdyň mysalydyr.

Soňky 30 ýylyň dowamynda doganlyk Türkiýäniň işewür toparlary daşary ýurtly hyzmatdaşlar we maýadarlar üçin özüne çekijiligi bilen tapawutlanýan türkmen bazarynda özlerini ygtybarly hyzmatdaş hökmünde görkezdiler. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürülýän, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen iri maksatnamalaryň amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşýan daşary ýurt kompaniýalarynyň esasy bölegini Türkiýäniň işewürlik düzümleri düzýär.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösdürilmeginde bilelikdäki hökümetara topara aýratyn orun degişlidir. Toparyň işi hyzmatdaşlygyň bar bolan ägirt uly kuwwatyny doly derejede durmuşa geçirmäge gönükdirilendir. Iki ýurduň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, telekeçilik düzümleriniň wekilleriniň işewürlik maslahatlaryna, pudaklaýyn sergilere gatnaşmagy netijeli işewürlik gatnaşyklaryny ösdürmäge hem-de diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam berýär.

Şu gezekki saparyň çäklerinde guralan Türkmen-türk işewürlik maslahaty özara bähbitli döwletara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmäge gönükdirilendir. Forumyň açylyş dabarasyna hormatly Prezidentimiz gatnaşdy.

Döwlet Baştutanymyzyň Türkiýe Respublikasyna resmi sapary we ýokary derejedäki duşuşyk däp bolan gatnaşyklary çuňlaşdyrmagyň ýolunda nobatdaky ädim bolmak bilen, iki ýurduň döwlet ösüşiniň ilkinji nobatdaky wezipelerini hasaba almak arkaly özara gyzyklanmalaryň çägini giňeltmek, has netijeli we döwrüň talap edýän görnüşlerini, gurallaryny gözlemek hem-de durmuşa geçirmek esasynda onuň üstüni ýetirmek işinde-de wajyp ähmiýete eýe boldy.

Munuň özi taryhy taýdan emele gelen umumy medeniýeti we ruhy däpleri paýlaşýan türkmen-türk halklarynyň mizemez dost-doganlyk gatnaşyklary bilen berkidilen netijeli döwletara hyzmatdaşlygyň hemmetaraplaýyn ösdürilmeginde täze sahypalary açar.



## Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygyň işjeň agzasy

**Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatyna gatnaşmak üçin 17–19-njy oktýabrda Hytaý Halk Respublikasynda iş saparynda boldy. Bu sapar türkmen-hytaý hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny dürli ugurlarda has-da ösdürmäge giň mümkinçilik döretdi.**

**Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan möhüm ulag geçelgeleriniň çatrygynda geosyýasy we geoykdysady taýdan amatly çäkde ýerleşmek bilen, oňyn başlangyçlary öňe sürýär hem-de bu gadymy söwda ýoluny gaýtadan dikeltmek üçin ähli tagallalary edýär. Şeýle-de, Aziýa we Ýewropa ýurtlarynyň arasynda netijeli dialogy üstünlikli ilerletmek üçin amatly ýagdaýyň kemala gelmegine ýardam berýär.** 3

## Milli manadymyz 30 ýaşynda

Döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan köpugurly özgertmeleriniň netijesinde milli manadymyz bilen baglanyşykly düýpli çäreler döwletimiziň ykdysady ösüşini ýokarlandyrmakdan we halkyň ýaşaýyş bähbitlerine esaslanmakdan ybaratdyr. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz durmuş-ykdysady taýdan barha uly ösüşleri nazarlaýar. 1993-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-ine milli walýutanyň–manadyň dolanyşyga girizilmegi pul dolanyşygynyň taryhynda möhüm ähmiýetli waka öwrüldi. Çünki bu çäre bank ulgamynyň pugtalandyrylmagyna we tutuş ykdysadyýetiň üstünlikli ösdürilmegine netijeli ýardam berdi. Geçen ýyllaryň dowamynda türkmen manady ýurduň içinde ygtybarly töleg serişdesi bolmak bilen, ykdysady durnuklylyga goldaw bermegiň pugta maliýe guralyna öwrüldi. 3



## «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2023» atly halkara maslahat we sergi

*25-27-nji oktýabrda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2023» atly XXVIII halkara maslahat we sergi geçirilýär. Ol «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleri, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan guraldy.*




Forumyň açylyş dabarasyna Hökümet agzalary, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň we abraýly halkara guramalaryň ýolbaşçylary, nebitgaz toplumynyň işewür düzümleriniň, maliýe institutlarynyň hünärmenleri, bu ulgamda işleýän kompaniýalaryň bilermenleri, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, daşary ýurtly myhmanlar we beýlekiler gatnaşdylar.

Daşary ýurt kompaniýalarynyň, iri halkara guramalaryň, banklaryň birnäçe wekilleri ara alyp maslahatlaşmalara sanly ulgam arkaly goşuldylar. Şu gezekki forum ýüzlerçe adamy, şol sanda daşary ýurtlaryň 45-den gowragyndan wekilleri bir ýere jemledi. Ýygnananlar ýangyç-energetika toplumynda halkara, sebit we milli derejede senagatyň geljekki strategiýasyny kemala getirmäge bagyşlanan dünýäniň nebit bazaryndaky işleriň ýagdaýy, bu ulgamda marketing strategiýalary baradaky seljeriş-syn maglumatlary bilen tanyşdyryldy.

Her ýylda geçirilýän bu forum Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Diýarymyzyň ýangyç-energetika toplumynyň gazananlaryny giňden tanyşdyrmak, ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň hünärmenleriniň, Ýewropanyň, Aziýanyň, Amerika yklymynyň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň arasynda işewürlik we göni gatnaşyklary ýola goýmak, täze taslamalary işe girizmek, dünýädäki ýagdaýlar hem-de pudagyň geljekki ösüş ugurlary bilen tanyşmak üçin oňyn meýdança bolup hyzmat edýär.

Söwda-senagat edarasynyň sergi zalynda eksponentleriň 70-e golaýy, şolaryň hatarynda daşary ýurt kompaniýalarynyň 40-a golaýy, hususan-da, Azerbaýjan Respublikasyndan, Beýik Britaniýadan, Daniýadan, Italiýadan, Hytaý Halk Respublikasyndan, Koreýa Respublikasyndan, Malaýziýadan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Russiýa Federasiýasyndan, Singapurdan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Türkiýe Respublikasyndan, Fransiýadan, Ýaponiýadan we beýleki ýurtlardan wekiller diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdylar. Bu ýerde uglewodorod çig malyny gözläp tapmak, çykarmak, ibermek we saklamak ulgamyny üpjün etmek, çuň burawlamak, ozalky hereket edýän turba geçirijileri döwrebaplaşdyrmak, olaryň täzelerini gurmak, nebiti we gazy gaýtadan işlemek boýunça kuwwatlyklary artdyrmak, guýularyň öndürijiligini ýokarlandyrmak babatda hyzmatlaryň giň toplumy görkezilýär.

«Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň we «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň, ýangyç-energetika toplumynda işleýän onlarça pudaklaýyn kärhanalaryň, hususy telekeçileriň diwarlyklary serginiň esasy bölegini eýeledi. Nebitgaz pudagynda bolşy ýaly, metallurgiýa, himiýa, maşyngurluşyk, energetika pudaklarynda, senagat ulgamynda ýokary tehnologik we tehniki kuwwata eýe bolan daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri öz önümlerini, mümkinçiliklerini tanyşdyrmak bilen birlikde, hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ep-esli giňeltmäge, işewür hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmaga hem amatly mümkinçilik aldylar. 2



## Türkmen alabaýy – milli mirasymyz

**Asyrlaryň jümmüşinde döräp kämilleşdirilen, tebigy syrlara we täsinliklere baý milli mirasymyz bar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli mirasymyz sarpalanyp, geljekki nesillerimize täze öwüşginde ýetirmek ugrunda dürli çäreler amala aşyrylýar. Türkmeniň gadymdan gelýän milli medeni mirasyny gorap saklamakda diňe bir ýurt derejesinde däl, eýsem, dünýä halklarynyň gyzyklanmalary bilen giň möçberli işler durmuşa geçirilýär. Şeýle gymmatlyklaryň biri hem türkmen alabaý itleridir.**

**Türkmen alabaýy adamzadyň iň gadymy dosty, ýakyn syrdaşydyr. Häzirki wagta çenli ýüze çykarylan ylmy maglumatlar türkmen alabaýynyň dünýäde iň gadymy we arassa ganly tohum itleriň biridigini doly ykrar edýär.** 3




### Ozon gatlagynyň goragynda

Hemra arkaly alnan maglumatlar Antarktidanyň üstündäki ozon deşiginiň gözegçiligiň bütin taryhynda iň ulularyň biri bolandygyny görkezdi. Onuň göwrümi Braziliýanyň meýdanyndan üç esse uly bolup, onuň meýdany 26 million inedördül kilometre ýetdi. 4



### Iň gowy «öý gurujylar»

Ýer ýüzünde «ýaşaýan öýi» bilen tapawutlanýan janly-jandarlaryň birnäçesi duş gelýär. Göräýmäge guşlaryň hemmesi birmeňzeş höwürtge gurýan ýaly, ýyrtyjylaryň we gemrijileriň köpüsi hinlerde ýaşaýan ýaly. Ýöne aslynda bu beýle däl. 5



### Filmlerde çagalary bilen surata düşen ýyldyz artistler

Kino sungatynyň merkezi hasaplanýan «Hollywood»-da meşhur artistleriň käbirleri özleri ýaly artistçiligi saýlan oguldyr gyzlary bilen filmlerde dürli keşplerde surata düşdi. 6

### Ýewropada ýylyň ýeňil atletikaçylary saýlandy

Litwanyň paýtagty Wilnýusda geçirilen dabarada Ýewropada ýylyň ýeňil atletikaçylary sylaglandy. Femke Bol bilen Ýakob Ingebrigtsen bu ýyl hem baýraga mynasyp boldular. 7

# Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygyň işjeň agzasy

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Munuň özi «Bir guşak, bir ýol» halkara başlangyjynyň öňbaşçysy bolan Hytaýyň hem maksatlaryna gönüden-göni laýyk gelýär. Bu babatda «Bir guşak, bir ýoly» ýokary hilli gurmak hem-de umumy ösüşe we abadançylyga bilelikde ýetmek» şygary astynda geçirilen şu gezekki wekilçilikli çäre dostlukly halklaryň, Ýewraziýa yklymynda we bütin dünýäde howpsuzlygy, durnuklylygy üpjün etmegiň bähbidine foruma gatnaşyjy ýurtlaryň netijeli hyzmatdaşlygynyň tutuş toplumynyň çuňlaşdyrylmagyna goşant goşar.

2013-nji ýylda Si Szinpin tarapyndan teklip edilen «Bir guşak, bir ýol» konsepsiýasy dünýä bileleşiginiň oňyn seslenmesine mynasyp boldy. Bu başlangyjyň maksady has köp sanly ýurtlaryň gatnaşmagynda hem-de gyzyklanma bildirýän döwletleriň serişdelerini peýdalanmak bilen, halkara söwda-maýa goýum taslamalaryny işjeňleşdirmekden ybaratdyr. Bu başlangyja eýýäm 150-den gowrak ýurt, halkara guramalaryň hem 30-dan gowragy goşuldy. Şol bir wagtda, bu konsepsiýa Merkezi Aziýa, Ýewropa we Afrika ýurtlarynyň onlarçasyny birleşdirýän söwda-ulag geçelgeleriniň hereket edýänleriniň kämilleşdirilmegine, olaryň täzeleriniň döredilmegine gönükdirilendir. Geçen 10 ýylyň dowamynda bu başlangyç dürli agza döwletleriň ösüşine ykdysady-durmuş taýdan täsirini ýetirdi, köp sanly iş orunlarynyň döredilmegine, maýa goýumlaryň möçberiniň artmagyna, söwdanyň ösmegine, ulaglaryň özara baglanyşygynyň pugtalandyrylmagyna, medeniýet, syýahatçylyk ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine ýardam etdi. Ilatyň durmuş we abadançylyk derejesiniň ýokarlanmagynda uly orun eýeledi.



Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bir guşak, bir ýol» üçünji halkara forumyna gatnaşmagy ýurdumyzyň şeýle iri halkara başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegine esasy goşant goşýan döwletleriň biri bolup durýandygyny alamatlandyrýar. Gahryman Arkadagymyz bu forumda çuňňur mazmunly çykyş etdi hem-de netijeli halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerinde Türkmenistanyň işjeň we başlangyçly ornuny tassyklady. Şunda energetika, ulag, kommunikasiýalar, ekologiýa, senagata we beýleki pudaklara «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak, ykdysadyýetde ýakynlaşmak işini çuňlaşdyrmak ýaly strategik ugurlara üns çekildi.

Ýokary derejeli duşuşyga gatnaşyjylaryň umumy pikirine görä, «Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň durmuşa geçirilmegi Beýik Ýüpek ýolunyň gaýtadan dikeldilmegine mümkinçilik döretmek bilen, ählumumy ykdysady ösüşe kuwwatly itergi bermäge ýardam eder hem-de dünýä ösüşi üçin täze giňişligi açar. Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek, hemme ugurlarda özara baglanyşygyň pugtalandyrylmagy üçin tagallalary jemlemek boýunça ähli taraplaryň bilelikdäki işiniň möhümdigine aýratyn üns çekildi.

«Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatynyň jemleri boýunça Merkezi Aziýa sebitinde «ýaşyl» ylmy we tehnologiýany ösdürmek babatda iş meýilnamasyny bilelikde durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekildi.

Gahryman Arkadagymyzyň HHR-iň Başlygy Si Szinpin bilen duşuşygy taryhy wakalaryň biridir. Türkmen halkynyň Milli Lideri sebitde durnukly ösüşi üpjün etmek baradaky meselä ünsi çekip, Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» strategiýasyny Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen utgaşdyrmak boýunça tagallalaryň wajypdygyny belledi, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň taryhy kökleri barada giňişleýin durup geçdi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz Hytaý bilen dostdoganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga berk ygrarlydygyny, syýasy, ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda bilelikdäki işi dowam etdirmäge taýýardygyny tassyklady. Duşuşygyň jemleri boýunça Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda tehniki-ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyga hem-de Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Baş gümrük edarasynyň arasynda ygtyýarly ykdysady operatorlar maksatnamasynyň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi iki ýurduň arasyndaky şertnama hukuk binýadynyň üstüniň ýene-de täze resminamalar bilen doldurylandygynyň aýdyň subutnamasy boldy.

**Muhammetmyrat MOMMAÝEW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# Milli manadymyz 30 ýaşynda

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýurtda hereket edýän milli puluň durnukly, hümmetli we ygtybarly bolmagy onuň ykdysadyýete edýän oňaýly täsirini ýokarlandyrmaga we öňe iteriji güýç bolup çykyş etmäge mümkinçiligini ýokarlandyrýar.

Milli manadymyz ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini alamatlandyrýan, garaşsyzlygymyzy, döwletliligimizi şöhlelendirýän özboluşly nyşanlaryň biri hökmünde göz öňümizde janlanýar. Bilşimiz ýaly, mundan 30 ýyl öň ýurdumyzda ýeke-täk kanuny töleg we hasaplaşyk serişdesi hökmünde türkmen manady dolanyşyga girizildi. Şu geçen 30 ýyllyk taryhy ýol ýurdumyzyň maliýe, ykdysady we bank ulgamlarynda ýetilen sepgitlere, gazanylan ösüşlere we amala aşyrylan ajaýyp özgertmelere şaýatlyk edýär. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda milli manadymyzyň denominasiýasy geçirildi. Manadyň gaglylygyny we satyn alyp bilijilik ukybyny ýokarlandyrmak hem-de halkara ülňülerine laýyk getirmek boýunça ýerine ýetirilen çäreleriň netijesinde 2012, 2014, 2017-nji ýyllarda modifisirlenen banknotlaryň dolanyşyga girizilendigi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Milli pullar islendik bir döwletiň ykdysadyýetiniň aýrylmaz bölegi hasaplanylýar. Uzak taryhy geçmişe göz aýlasak, pul harydyň alyş-çalyş gymmatynyň taryhy ösüşiniň netijesinde emele gelipdir. Dürli döwürlerde halklaryň arasynda pullaryň dürli görnüşleri ulanylypdyr. Pullaryň şeýle giňden ulanylmagy netijesinde, öý hojalyklarynyň we döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň çägi hasda giňäpdir. Şu jähetden, wagtyň geçmegi we özara alyş-çalşyň düýpli ösmegi bilen, pul düşünjesiniň üsti nagt däl hasaplaşyklaryň bank kartlary, elektron pul hem-de elektron gapjyk ýaly zamanabap gurallary esasynda ýetirilipdir.

Häzirki döwürde 2011–2030-njy ýyllar üçin Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň Döwlet maksatnamasyna, 2019–2025-nji ýyllarda Türkmenistanyň sanly ykdysadyýetini ösdürmegiň Konsepsiýasyna hem-de 2021–2025-nji ýyllarda Türkmenistanyň sanly ykdysadyýetini ösdürmegiň Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, nagt däl hasaplaşyklaryň möçberini artdyrmak, milli hasaplaşyk ulgamynyň durnuklylygyny pugtalandyrmak hem-de banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak boýunça işler alnyp barylýar.



Sanly ykdysadyýete geçmek üstünlikli amala aşyrylýar. Programma üpjünçilikleri işlenip taýýarlanylýar. Bank amallarynyň sanly ulgama geçirilmegi diňe bir hyzmatlaryň görnüşlerini köpeltmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň hilini gowulandyrmaga, hasaplaşyklar üçin sarp edilýän wagty azaltmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, banklara puluň dolanyşygyna gözegçilik etmäge hem-de degişli çözgütleri kabul etmäge ýardam berýär.

Milli manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli bank ulgamy boýunça geçirilýän ylmy işleriň bäsleşigine talyplaryň uly topary özleriniň ylmy işlerini hödürleýärler. Talyplaryň okuwdan daşary çärelere we bäsleşiklere işjeň gatnaşmagy umumy maksatlara we wezipelere laýyk gelýän, has netijeli bilim almaklaryna uly mümkinçilikleri berer.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda eden çykyşynda bilim özgertmelerini üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ösüp gelýän ýaş neslimiziň döwrebap ylym-bilim, edep-terbiýe almagy hem-de dünýä derejesinde giň gözýetimli, ýokary düşünjeli, häzirki zaman çylşyrymly tehnologiýalardan baş çykaryp bilýän, Watana, halka, mähriban Prezidentimize wepaly hünärmenler bolup ýetişmegi üçin taýsyz tagallalaryň edilýändigini belledi.

Ýurdumyzda hünärmenleriň bilim derejelerini ýokarlandyrmak baradaky alada esasy orunda durýar. Kämil bilimli, sowatly bolmak, kompýuterlere hem öňdebaryjy tehnologiýalara ussatlyk bilen erk edip, sagdyn hem-de ruhubelent bolmak türkmen hünärmenleriniň durmuş ýörelgesine öwrüldi.

Bitaraplyga we Garaşsyzlyga guwanyp ýaşamak, ösüşlerden ösüşlere tarap bedew bady bilen öňe gitmek, geljekde ykdysady toplumda işlejek maliýe-hojalyk hünärmenlerine ykdysady bilimleri öwretmek biziň mukaddes borjumyz bolup durýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim-ylym ulgamyny ösdürmäge, ýaşlara okamaga, ylym bilen meşgullanmaga döredip berýän ähli mümkinçilikleri we şertleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Meret MEREDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy,*
**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# Beýik kompozitoryň belent sarpasy

**Şu ýylyň 27-28-nji oktýabrynda ýurdumyzyň welaýatlarynda hem-de Aşgabat we Arkadag şäherlerinde meşhur türkmen kompozitory Nury Halmämmedowyň doglan gününiň 85 ýyllygy mynasybetli «Mukama siňen ömür» atly festiwal geçiriler. Bu hem ýurdumyzda medeniýet işgärlerine we sungat ussatlaryna, halypalara goýulýan hormat-sarpanyň nyşanydyr.**

**Ussat kompozitor Nury Halmämmedow 1938-nji ýylyň 20-nji iýunynda Bäherden etrabynyň Mürçe obasynda köp perzentli maşgalada dünýä inýär. Çagalykdan ejesinden jyda düşen Nury Halmämmedow Baýramaly şäherindäki çagalar öýüne düşýär we şol ýerde saz älemindäki ilkinji ädimlerini ätläp ugraýar. Ol Baýramaly şäherindäki Çagalar öýünde saz bilen bagly başlangyç bilimini alýarka, birnäçe sazlary hem döredýär.**



**Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi Nury Halmämmedowyň meşhur sazlary dünýä hem-de türkmen halkynyň saz sungatynyň naýbaşylarynyň biridir. Onuň döreden eserleri «Aýgytly ädim» baleti, «Türkmenistan» simfoniki şekilleri, simfoniýa, G.Ezizowyň sözlerine solistler, hor we orkestr üçin wokal – simfoniki poema «Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan gahrymanlaryň ýadygärligine», «Dutaryň owazy», «Ballada», «Saňa» we beýleki fortepiano üçin pýesalar, «Nar agajy» atly skripka we fortepiano üçin wariasiýalar, Magtymgulynyň, Mollanepesiň sözlerine alty wokal toplumy, S.Ýeseniniň sözlerine «Pars äheňleri», G.Geýnäniň sözlerine «Ynsan ýürekleri», «Aýgytly ädim», «Keçpelek», «Şükür bagşy» filmleriniň sazlary we beýlekilerdir.**

**Meşhur kompozitor talyplyk ýyllarynda döreden ençeme saz eserlerinden iň naýbaşylaryndan biri hasaplanýan «Dutaryň owazlary» atly meşhur fortepiano pýesasy görnükli türkmen sazandasy Mylly Täçmyradowa bagyşlanypdyr. Bu sazda milli sazyň özboluşly aýratynlygy we dutarçylyk sungatynyň ajaýyplygy örän ýagty şöhlelenýär. Häzirki wagta çenli dünýäniň meşhur sazandalarynyň repertuarynda görnükli orun eýeleýän bu saz eseri ilkinji gezek 1962-nji ýylda Moskwada geçirilen Ýaş kompozitorlaryň Bütinsoýuz konkursynda eminler topary tarapyndan ýokary baha mynasyp bolýar we Nury Halmämmedowa ýörite diplom gowşurylýar.**

**Kompozitoryň döredijiliginde wokal sazlaryna hem aýratyn orun degişlidir. Ol XIX-XX asyrlarda ýaşap geçen şahyrlardan Mollanepesiň, Keminäniň, Gurbannazar Ezizowyň, Ata Atajanowyň, Rehmet Seýidowyň we Geldi Bäşiýewiň goşgularyndan ruhlanyp birnäçe saz eserlerini hem döredýär.**

**Nury Halmämmedowyň ajaýyp döredijilik terjimehalyndaky aýratyn sahypa onuň kinofilmlere bagyşlap döreden sazlaryna degişlidir.**

**Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Elbetde, «Şükür bagşy» filminiň şeýle üstünlik gazanmagynda genial türkmen kompozitory Nury Halmämmedowyň bitiren hyzmaty ägirt uludyr. Orta Aziýa Respublikalarynyň we Gazagystanyň kino festiwalynda bu filmiň sazy üçin berlen ýörite baýragy gowşurylanda, Çingiz Aýtmatow Nurynyň sazyny «durmuşyň öz beren sazy» diýip atlandyrdy. Biziň ýaş kompozitorymyz bolsa, bu sözlere jogap hökmünde: «Bu sazy ýazmaga maňa halkymyň taryhy kömek berdi. Bu saz hakyky halk sazydyr. Şoňa görä-de, meniň ýerine ýetiren işime şeýle ýokary baha berilmegini türkmen sazynyň ykrar edilmegi diýip kabul edýärin» diýip belleýär.**

**Leýla REJEPOWA,**
***Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.***

# Türkmen alabaýy – milli mirasymyz

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmen alabaýy ynsanyň wepaly, gujurly, gaýduwsyz sakçysy bolupdyr. Şol sebäpli hem parasatly pederlerimiz türkmen alabaýyny ynsanyň we onuň mukaddes ojagynyň asudalygynyň, bagtyýarlygynyň goragçysy saýýar. «It geldi, gut (bagt) geldi» nakylynyň manysy hem ynsanyň eşretli durmuşynyň hözirini görüp ýaşamagyna alabaýyň edýän täsiri bilen bagly döräpdir. 2020-nji ýylyň 7-nji maýynda «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasy döredildi. Şol ýylyň 31-nji awgustynda bolsa Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasy diýlip atlandyryldy. Welaýatlarda «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň bölümleri döredildi we döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen alabaý itleriniň tohumçylyk merkezleri guruldy. 2020-nji ýylda gurlan «Türkmen alabaýy» atly heýkel gözel paýtagtymyz Aşgabadyň bezegine bagtyýarlyk zamanynyň tyllaýy öwüşginini çaýdy.

Taryhy çeşmelerde saklanan arheologiýa we etnografiýa maglumatlarynyň tassyklaýşy ýaly, eziz Watanymyzyň çäklerinde şanly taryhymyzyň dürli eýýamlarynda ýaşaýşyň gülläp ösen gadymy ekerançylyk obalarynda, şa döwletleriň paýtagt şäherlerinde göwresi ägirt uly itleri, sähra şertlerinde küren-küren oba bolup ýaşan maldarlaryň hojalyklarynda bolsa çopan itlerini ýetişdirmek tejribesi giňden ýaýrapdyr. Munuň üçin tejribeli itşynaslar tarapyndan ýörite seçgi işleri geçirilip, itiň tohumynyň sagdynlygy berk gözegçilikde saklanypdyr we olar aýratyn taýýarlanylan naharlar bilen iýmitlendirilipdir. Netijede, türkmen sährasynda şir-peleňlere bäs gelýän türkmen alabaýlarynyň tohumy kemala gelipdir.

Türkmen alymlarynyň 2017-nji ýylda geçiren gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde gadymy Daňdanakan ýadygärliginde ýüze çykarylan alabaýyň faýansdan ýasalan heýkeljigi hem Gündogary öwrenijileriň ylmy jemgyýetinde uly gyzyklanma döretdi. 2018-nji ýylda tassyklanan «Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Türkmenistanyň çägindäki taryhy-medeni ýadygärliklerde 2018-2021-nji ýyllarda gazuw-barlag işlerini geçirmegiň we medeni mirasy ylmy esasda öwrenmegiň hem-de wagyz etmegiň döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda, Beýik Ýüpek ýolunyň Nusaý-Köneürgenç şahasynyň ugrunda ýerleşen Şähryslam arheologiýa ýadygärliginde geçirilen arheologiýa we etnografiýa ylmy gözlegleriň netijesinde bişen kerpijiň ýüzündäki itiň aýak yzlary ýüze çykaryldy. Alym Arkadagymyz «Türkmen alabaýy» atly eserinde onuň dünýäniň itşynaslygyny öwrenmekde aýratyn ähmiýetiniň bardygyny anyk deliller arkaly beýan edýär.

Döwletimiz tarapyndan Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň guramagynda tejribeli hünärmenleriň, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň alymlarynyň, ýokary okuw mekdepleriň mugallymlarynyň we talyplarynyň gatnaşmagynda ýurdumyzyň ähli welaýatlaryna etnografiýa ylmy-gözleg saparlaryny guramak indi asylly däbe öwrüldi.



Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen alabaýy» atly kitabynda beýan edilen Ýasydepe ýadygärliginden tapylan heýkel öňki ýüze çykarylan arheologiýa gymmatlyklaryň üstüni ýetirýär. Bu heýkeljigi özüniň tehnologiýa taýdan kämilligi, alabaýyň keşbini has aýdyň we owadan şekillendirendigi, mahlasy, çeperçiligi we mazmun taýdan has baýdygy bilen ýurdumyzda häzirki wagta çenli ýüze çykarylan türkmen alabaýynyň heýkelleriniň arasynda iň gowusy hasaplamak bolar. Türkmen alymlary alabaýyň taryhy mirasyny hem-de gadymy Oguz kowumlarynyň dünýäniň itşynaslyk medeniýetiniň ösmegine goşan ajaýyp goşantlaryny öwrenmek boýunça ylmy gözlegleri işjeň dowam edýärler.

Häzirki wagtda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizmek boýunça «Türkmen alabaý itini terbiýelemegiň milli tejribesi» atly hödürnamasyny, maglumatlary toplamak we resminamalary taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Bu asyrlara ýaň saljak işler ýurdumyzyň itşynaslarynyň, döredijilik işgärleriniň, suratkeşleriň, halyçylaryň, heýkeltaraşlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň, žurnalistleriň, alymlaryň kalbyny egsilmez buýsanç duýgularyna besläp, alabaý itleri barada täze eserleri döretmäge, ylmy açyşlary amala aşyrmaga bolan ylham zehini barha joşdurýar.

Hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, Türkmen alabaýynyň baýramynyň döredilmegi we onuň her ýylyň oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde bellenilmegi watandaşlarymyzyň ýürek buýsançlaryny püre-pürledi. Şu baýramçylyk mynasybetli Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň binasynyň hem-de welaýatlarda we Aşgabat şäherinde alabaý itleriniň tohumçylyk merkezleriniň, şeýle hem türkmen alabaý itleriniň bäsleşik merkezleriniň gurlup ulanylmaga berilmegi, hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda, her ýylyň oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde türkmen alabaý itleriniň arasynda «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» atly halkara bäsleşigi hem-de türkmen alabaý itleriniň daşky keşbini şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerinde, neşir önümlerinde, fotosuratlarda, teleýaýlymlarda beýan etmek ugrunda halyçylaryň, suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, fotosuratçylaryň, neşirýat önümleriniň we teleoperatorlaryň arasynda bäsleşikleriň geçirilmegi bu baýrama özboluşly öwüşgin çaýýar.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde bellenilýän Türkmen alabaýynyň güni mynasybetli geçirilýän dürli bäsleşikler we çäreler Daşoguz welaýatymyzda hem uly ruhubelentlige beslenýär. Munuň üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Maýa GURBANDURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň maliýe bölüminiň esasy hünärmeni.*

# Bilim ulgamynyň üstünlikleri

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamyny dünýä derejesinde döwrebaplaşdyrmaga, ruhy taýdan kämil, berk bedenli, giň dünýägaraýyşly, bilimli-terbiýeli, päk ahlakly nesli ýetişdirmäge uly ähmiýet berilýär hem-de bu ugurda uly tagallalar edilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly edebi-filosofik eserinde: «Ýaşlar – biziň geljegimiz. Olar halkyň, ýurduň ykbalyna dahylly bolmaly adamlar. Halkyň, ýurduň ykbaly bilen bagly meseleleriň üstünde kelle döwjek we akylly-başly netije çykarmagy başarjak adamlar. Nesillerimizi ýetişdirmek bilen biz öz geljegimizi gurýarys. Bu meselede halypalaryň egnine juda mukaddes borç, edil şonuň ýaly hem, uly wezipe düşýär» diýip belleýär.



Soňky ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň şäherlerinde hem-de obalarynda döwrebap mekdepler we mekdebe çenli çagalar edaralary bina edilýär, olar kompýuterler, zerur bolan beýleki enjamlar, okuw gollanmalary bilen üpjün edilýär, okuw işine ylmyň täze gazananlary, interaktiw-multimediýa hem-de sanly tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar.

Ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak wezipesi ýurdumyzda himiýa, biologiýa we beýleki dersleriň çuňlaşdyrylyp öwrenilmegine niýetlenilen ýöriteleşdirilen orta mekdepleriň döredilmegini şertlendirdi. Halkara hyzmatdaşlygyň okgunly ösüşini hasaba almak bilen, mekdep okuwçylaryna daşary ýurt dillerini öwretmek işi kämilleşdirilýär, iňlis, fransuz, nemes, ýapon dillerini çuňlaşdyryp öwredýän bilim edaralary üstünlikli hereket edýär.

Mugallymlaryň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyna hem aýratyn üns berilýär. Mugallymlaryň döredijilik mümkinçiliklerini doly açmak, olaryň hünäriniň abraýyny ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurdumyzda «Ýylyň mugallymy» hem-de «Ýylyň terbiýeçisi» atly döwlet derejesindäki bäsleşikler yzygiderli esasda geçirilýär.

Bir söz bilen aýdylanda, döwletimizde ýaş nesliň aň-paýhas hem-de beden taýdan sazlaşykly ösmegi, olaryň häzirki zaman bilimlerini düýpli özleşdirmekleri üçin ähli şertler döredilýär, munuň özi geljekde olara eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de rowaçlanmagyna hem-de durmuş-ykdysady taýdan ösüşine mynasyp goşant goşmaga mümkinçilik berer.

Ýurdumyzyň döwrebap bilim we ylym merkezleri bolan ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň hemmetaraplaýyn pugtalandyrylmagy ylym-bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň möhüm ugrudyr. Häzirki wagtda bu ulgamy ösdürmek üçin ýurdumyzda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň dürli pudaklary üçin ýokary hünär derejeli işgärleri taýýarlamagyň netijeli ulgamynyň döredilmegi bu özgertmeleriň baş maksadydyr. Ýurdumyzda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlaýan okuw mekdepleri hereket edip, olaryň uçurymlary giň gerimli maksatnamalary amala aşyrmaga saldamly goşant goşýarlar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Bitarap Türkmenistanda milli bilim ulgamynyň ygtybarly binýady kemala getirildi, iň öňdebaryjy usullar giňden ornaşdyrylýar, okuw maksatnamalary yzygiderli kämilleşdirilýär, okuw kitaplarynyň we gollanmalarynyň mazmuny baýlaşdyrylýar.

**Bägül AMANOWA,**
*Darganata etrabynyň 12-nji orta mekdebiniň iňlis dili mugallymy.*

# Dil öwretmäge täzeçil çemeleşilýär

Ýurdumyzda ýaş nesilleriň täze tehnologiýalara, sanly ulgamyň mümkinçiliklerine oňat düşünýändikleri aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Mälim bolşy ýaly, milli ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmek, elektron senagatyny ýokarlandyrmak, işewürlige, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna daýanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek, innowasion, ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply ykdysadyýetiň sazlaşygyny üpjün etmek ýurdumyzda esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Şonuň netijesinde hem ýaş hünärmenleriň biliminiň, başarnygynyň ýokary derejede bolmagy möhüm ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiz – Bilimleri, ylmyň dürli ugurlaryny özleşdirmek, il-ýurda mynasyp gulluk etmek beýik mertebedir. Ylym we bilim adama durmuş ýolunda üstünlik, abraý, sylag-hormat getirýän gymmatlykdyr, biziň şöhratly geçmişimizdir, bagtyýar şu günümizdir hem-de nurana geljegimizdir – diýip parasatlylyk bilen belleýär.

Häzirki döwürde ýaşlaryň döwrebap, ýokary hilli bilim-terbiýe almagy, akyl, ruhy taýdan ösen we kämil şahsyýetler hem-de ussat hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim portallary üstünlikli hereket edýär. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän innowasion enjamlaryň kömegi bilen, sapaklaryň iňlis dilinde guralmagy talyplara häzirki zaman talaplaryna laýyklykda ýokary bilim bermäge mümkinçilik döredýär. Diňe daşary ýurt dilini öwretmekde ösen tehnologiýalardan peýdalanylmagy däl-de, eýsem, ýurdumyzyň halkara derejeli birnäçe ýokary okuw mekdeplerinde ähli dersleriň iňlis dilinde okadylmagy talyplaryň daşary ýurt dillerinde erkin gepläp bilmeklerine ýardam edýär. Munuň üçin talyplar degişli okuw mekdebiniň dil öwreniş bölüminde bir ýyl




taýýarlyk okuwyny geçýärler. Bu bölümde talyplar iňlis dilinde okamak, ýazmak, diňlemek, geplemek endiklerini ele alýarlar, şeýle hem öz saýlan hünärlerine degişli adalgalary, durnukly söz düzümlerini özleşdirýärler. Häzirki zaman ýaşlary tehnologiýalaryň we aragatnaşyk serişdeleriniň ösen döwründe ýaşaýarlar, bilim alýarlar. Internet, el telefonlary, kompýuterler ýaşaýşyň ähli ugurlaryna aralaşdy. Bilim ulgamynda hem döwür bilen aýakdaş gitmek, ýaşlaryň okuwa bolan höwesini we bilesigelijiligini artdyrmak üçin dürli usullardan peýdalanylýar.

Daşary ýurt dilinde geplemegi öwrenmek üçin, ilki bilen, sözleýiş işjeňliginiň ähli görnüşlerini (geplemek, okamak, ýazmak) paýhasly ulanyp, bu diliň söz baýlygyny özleşdirmeli. Daşary ýurt dillerini tiz wagtda öwrenmek adamyň köp mukdarda täze sözleri ýatda saklap bilýändigi bilen baglanyşyklydyr. Daşary ýurt sözlerini ýatda saklamak usulyny özleşdirmek dili öwrenmäge we wagty tygşytlamaga mümkinçilik berer. Şonuň üçin häzirki wagtda dil öwretmekde her bir talybyň aýratyn ukyplarynyň mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, ýat tutmak usullaryny saýlamak we dogry ulanmak möhümdir. Beýni janly, aýdyň, täsirli we özüne çekiji maglumatlary has gowy özleşdirýär.

Diýmek, ýatda saklamak isleýän maglumatlarymyzy beýnimiz üçin gyzykly etmeli. Islendik ýat tutmak usulyny üstünlikli ulanmak üçin peýdaly zatlary tapmaly we dogry maksat goýmaly. Ýat tutmak usullary zerur maglumatlary has gowy özleşdirmäge we beýnimizi türgenleşdirmäge kömek edýär. Daşary ýurt sözlerini ýatda saklamagyň 20-den gowrak usuly bar. Ylmy edebiýatlarda bu usullaryň hemmesine aýratyn seredilýär. Iň esasy zat, sözleri ýatda saklamak we daşary ýurt dilinde sözleýşi ösdürmekdir.

Ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynyň gülläp ösmegi, halkymyzyň durmuş üpjünçiligi barada tagalla edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli başlangyçlary, uly tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Jeren ORAZDURDYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň iňlis dili mugallymy.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde

**Belgiýada «energiýa adasy» gurlar.** 2026-njy ýylda Belgiýada dünýäde ilkinji «energiýa adasy» peýda bolar. Ol golaýda ýerleşýän ýel beketlerinde öndürilýän energiýany paýlar hem-de Belgiýanyň, Beýik Britaniýanyň we Daniýanyň energiýa ulgamlaryny birleşdirer. Ada «Şa zenan Ýelizaweta» diýlip atlandyrylar.



**Gaty myrryldyly pişik.** Ginnesiň rekordlar kitabynyň habaryna görä, Beýik Britaniýada uzak ýaşan pişik gaty ses bilen myrlamakda dünýä rekordyny goýdy. Bella atly 14 ýaşly pişigiň 54,59 dB ses bilen myrlandygy hasaba alyndy. Muny gaýnaýan çäýnegiň sesiniň derejesi bilen deňeşdirip bolar. Mundan öňki rekord 50 dB deň bolupdy.



**Iň ajy burç döredildi.** ABŞ-ly seçgiçi çili burçunyň täze görnüşini ösdürip ýetişdirdi. «Pepper X» atly täze ösümlik dünýäniň iň ajy burçy hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Bu burçy meşhurlaryň ýiti naharlary dadyp görýän teleşowunda diňe az sanly adam datmagy başardy.



**Pol Makkartniniň awtobusy.** Pol Makkartniniň we «Wings» aýdym-saz toparynyň sazandalarynyň Ýewropada 70-nji ýyllardaky çykyşlary wagtynda münen awtobusy auksiona çykarylar. Auksionyň guramaçylary oňa 300 müň dollar baha kesýärler. Awtobus syýahat wagtynda 7 müň mil geçipdir we Ýewropa ýurtlarynyň 9-syna aýlanypdyr.



**Iň köp satylýan oýun.** «Mojang» kompaniýasy «Minecraft» oýnunyň 300 million nusgalykda satylandygyny mälim etdi. Kompaniýanyň maglumatlaryna görä, bu oýnuň dürli platformalarda satylan sany 300 milliondan geçdi. Bu oýnuň esasy bäsdeşi «Grand Theft Auto V» oýnundan 115 million nusgalyk köpdür.



**Wentilýatorly oturgyç.** «Cougar» kompaniýasy «NxSys Aero» atly oturgyjyny hödürledi. Oturgyjyň arkalygyna içinden ýagtylandyrýan ýelpewaç oturdyldy. Oturgyjyň ýelpewajy arkalygynyň merkezinde ýerleşip, howanyň diňe bir oýunçynyň arkasyny däl, eýsem, tutuş bedenini hem sowatmagyna mümkinçilik berýär.



**Ösümlikler aragatnaşyk saklaýar.** Ýapon alymlary ilkinji gezek uçýan organik birleşmeleriň (UOB) zyňyndylary arkaly ösümlikleriň arasyndaky aragatnaşygy ýüze çykardylar. Zyýan berijiler hüjüm edende, ösümlik käbir maddalary howa arkaly geçirmek bilen, beýleki ösümliklere howp abanýandygyny habar berýän eken.



**Kolumbyň haty satyldy.** Deňiz syýahatçysy Hristofor Kolumbyň haty «Christie's» auksionynda 3,71 million ýewro satyldy. Täze dünýäniň açylyşy baradaky hat 1493-nji ýylda çap edilipdir. «Täze açylan adalarda» atly hatda barlag geçirijiniň «Hindistan» diýip atlandyran adalarynyň ilaty barada gürrüň berilýär.



**Kartina gaýtarylyp berildi.** XVIII asyrda ýaşap geçen awstriýaly suratkeş Iogann Frans Lautereriň kartinasy 78 ýyldan soň Germaniýanyň muzeýine gaýtarylyp berildi. Mýunhendäki Bawariýa döwlet muzeýinden äkidilen surat 1945-nji ýylda ýitirim bolupdy. «Italiýan manzary» atly bu kartina uzak wagtlap ABŞ-da saklandy.



**Komiksli çüýşeler.** Ýaponiýanyň Gifu prefekturasynyň «Seki Milk» süýt önümleri kärhanasynyň wekilleri ertirlik naharynda çagalaryň 65%-iniň süýdi doly içip gutarmaýandygy üçin özboluşly usuly oýlap tapdylar. Olar çüýşä manga usulynda ak reňk bilen komiksleri çekdiler, ol diňe çüýşäni boşadanyňdan soň görünýär.



# Sagçy konserwatorlar ýeňiş gazandy

22-nji oktýabrda Şweýsariýada geçirilen parlament saýlawlarynda sagçy konserwatiw Şweýsariýanyň Halk partiýasy (SPP) 28,6% ses bilen ýeňiş gazandy. Ol Milli Geňeşdäki fraksiýasyny 9 orun artdyryp, 62 deputat ornuna eýe boldy.

Ondan soň 41 orun bilen Sosial-demokratik partiýasy gelýär. «Merkez» partiýasy ýurduň parlamentinde 29 orna eýe boldy. «Erkin demokratik partiýasy – Liberallar» 28, «Ýaşyllar» partiýasy 23. Respublikanyň mejlisinde wekilçilik edýän beýleki partiýalar bolsa epesli yza galdy.

Şweýsariýada geçirilen parlament saýlawlarynda käbir üýtgeşik aýratynlyklar göze ilýär. Şweýsariýanyň Halk partiýasy 2015-nji ýyldaky öňki rekord netijesine gaty golaýlaşyp, hemmeleriň ünsi ýurtda möhüm mesele hasaplanýan migrasiýa meselesinde jemlendi. «Bloomberg»-iň belleýşi ýaly, Şweýsariýanyň Halk partiýasy ýurduň öňden gelýän bitaraplygyny berkitmäge tagalla edýär.

Milli Geňeşdäki Şweýsariýanyň Halk partiýasynyň fraksiýasynyň lideri Tomas Aşi SRF telewideniýesine beren beýanatynda «Bu saýlawlaryň netijesi immigrasiýa syýasatynyň has güýçlendirilmegine sebäp bolar» diýdi.

Şweýsariýa Günbatar Ýewropadaky bir döwlet bolup, 26 kantondan ybarat federal Respublikadyr. Bu ýurt Günbatar, Merkezi we Günorta Ýewropanyň çatrygynda ýerleşýär, günortada Italiýa, günbatarda



Fransiýa, demirgazykda Germaniýa, Awstriýa we gündogarda Lihtenşteýn bilen serhetleşýär. Alp daglarynyň sebitiň köp bölegini tutýandygyna garamazdan, Şweýsariýanyň 8,5 million töweregi ilaty, esasan, iki sany global şäherler - Sýurih we Ženewa ýaly iň uly şäherleriň ýerleşýän platosyna jemlenendir.

# IKINJI TAPGYRY GEÇIRILER

19-njy noýabrda Argentinada Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçiriler. Ýurtda 22-nji oktýabrda geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda Argentinanyň öňki howpsuzlyk ministri Patrisiýa Bullriç 23,83% ses alandan soň bäsleşikden çykdy. «Watanyň hatyrasyna bileleşigiň» wekili, ykdysadyýet ministri Serhio Massa we «Erkinlik» bileleşiginiň agzasy deputat Hawýer Mileý, degişlilikde, 36,64% we 30,1% ses alyp, ikinji tapgyra çykdylar. Muny saýlaw býulletenleriniň 100%-i sanalandan soň, Milli saýlaw palatasynyň maglumatlary subut edýär. Ikinji tapgyr 19-njy noýabrda geçiriler.

Şol bir wagtyň özünde Argentinada parlament saýlawlary geçirildi. Syýasy çäräniň netijesinde Argentinadaky dolandyryjy koalisiýa bolan «Watanyň hatyrasyna bileleşik» parlamentiň iki palatasynda-da aglaba köplügi saklaýandygyny habar berdi.

Massa häzirki hökümetiň alyp barýan syýasatynyň esasy ýörelgelerine eýermekçi. Ol daşary ýurt walýutasynyň ýurda akymyny ýokarlandyrmak üçin täze iş orunlaryny döretmegi, senagaty we nebit-gaz pudagyny ösdürmegi wada berýär.



Argentina dünýäniň iri 10 ýurdunyň hataryna girip, Günorta Amerika yklymynyň günorta-gündogarynda ýerleşýär. Günbatarda Çili, demirgazykda Boliwiýa we Paragwaý, demirgazyk-gündogarda bolsa, Braziliýa we Urugwaý bilen araçäkleşýär. Ýurtda 46 milliondan gowrak ilat ýaşaýar.

# Halkara energetika agentliginiň hasabaty

**Global maýylganlygyň öňüni almak üçin onýyllygyň ahyryna çenli gazylyp alynýan ýangyçlara bolan islegi 25% azaltmaly diýip, Halkara energetika agentliginiň hasabatynda bellenilýär.**

**2030-njy ýyla çenli kömre bolan isleg 2022-nji ýylda 5,8 milliard bolanlygyndan 3,25 milliard tonna çenli, nebite bolan isleg her gün 100 million barrel bolanlygyndan 77 million barrele çenli, tebigy gaza bolan isleg bolsa, ýylda 4,15 trillion kubmetr bolanlygyndan 3,4 trilliona çenli azaldylmaly.**

**2050-nji ýylda gazylyp alynýan energiýa çeşmelerine bolan islegiň jemi azaldylyşy eýýäm 80% bolmaly.**

**2030-njy ýyla çenli arassa energiýa maýa goýumlary bolsa 2,5 esse – şu ýyl 1,8 trillion dollar bolanlygyndan 4,5 trillion dollara çenli ýokarlandyrylmaly.**

**HEA degişli görkezijilere ýetmek üçin berk we täsirli syýasat gerek bolar diýip hasaplaýar. Ýogsam, global maýylganlygy senagatdan öňki derejelere görä 1,5 derejede çäklendirip bolmaz.**

**Şeýle syýasatyň durmuşa geçirilmegi gijikdirilen ýagdaýynda 2050-nji ýyldan soň howadan kömürturşy gazyny çykarmak üçin çykdajy artyp, ýylda 1,3 trillion**



**dollar töweregi bolar diýip, guramanyň hasabatynda bellenilýär.**

**Ýurtlaryň hökümetlerini zyňyndylary azaltmak babatda gyssagly çäreleri görmäge çagyrmak bilen birlikde, HEA energiýa ýetmezçiliginiň we bahalaryň ýokarlanmagynyň öňüni almak maksady bilen şol bir wagtda arassa energiýa üpjünçiligini artdyrmagyň zerurdygyny nygtady.**

# Gatnawyň tölegleri ýokarlandyrylar

Müsür 2024-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, Sues kanaly arkaly ähli gämi gatnawlary üçin nyrhlary 15% artdyrar. Sues kanalynyň müdiriýetiniň başlygy Usama Rabia munuň 2023-nji ýylda nebit guýulýan tankerleriň bunkerlenmeginiň nyrhynyň 88%, suwuklandyrylan gaz daşaýjy tankerler üçin 11% artandygy bilen düşündirdi.

Häzirki wagtda deňiz ýük gatnawlarynyň 12%-i Sues kanalyna degişlidir. Ondan nebitiň köp möçberi we suwuklandyrylan gazyň dünýä eksportunyň 8%-i amala aşyrylýar. Sues kanaly her ýyl Müsüre 7 milliard dollar girdeji getirýär. Emma onuň ulanyşynda welin, kynçylyklar ýok däl. Sebäbi suw ýoly häzirki zaman gämileri üçin örän dar bolup, bu käbir ýerlerde heläkçiliklere getirýär. Mysal üçin, 2021-nji ýylyň martynda «Ewer Giwen» konteýner daşaýjysy suwuň saý ýerinde çöküp, birnäçe günläp gämi gatnawyny bökdäpdi. Sues kanaly 1869-njy ýylyň noýabr aýynda gämi gatnawy üçin açyldy. Onuň işe girizilmegi, ozal tutuş Afrika yklymynyň daşyndan aýlanmaga mejbur bolan söwda we harby gämiler üçin Aziýadan Ýewropa deňiz ýoluny azyndan 8 müň



kilometr gysgaltmaga mümkinçilik berdi.

Häzirki wagtda bu kanalyň uzynlygy 160 kilometrden, çuňlugy hem 20 metrden gowrak bolup, ýük daşaýan gämilere, şol sanda, nebit daşaýan tankerlere-de geçmäge mümkinçilik berýär.

# Ozon gatlagynyň goragynda

Hemra arkaly alnan maglumatlar Antarktidanyň üstündäki ozon deşiginiň gözegçiligiň bütin taryhynda iň ulularyň biri bolandygyny görkezdi. Onuň göwrümi Braziliýanyň meýdanyndan üç esse uly bolup çykdy. Sentýabr aýynda deşik 26 million inedördül kilometre ýetdi. Hünärmenler onuň ulalmagynyň dowam etmeginden howatyrlanýarlar – ozonyň tükenmeginiň ýokary derejesi, adatça, oktýabr aýynyň ortalaryna düşýär.

Ozon deşiginiň ululygy möwsüme görä üýtgeýär. Ol awgust aýynda, Günorta ýarym şarda ýaz düşen wagty ulalyp başlaýar we oktýabr aýynda ýokary derejesine ýetýär. Tomsuna (Antarktidada ol dekabr-fewral aýyna düşýär) deşik ýapylýar, sebäbi stratosferadaky temperatura ýokarlanýar we ozon gatlagynyň dargamagyna getirýän mehanizmler gowşap başlaýar.

Antarktidanyň üstündäki ozon gat-



lagynyň dargaýşy ilkinji gezek 1985-nji ýylda belli boldy. XX asyrda adamzat senagatda ozon gatlagyny dargadyjy maddalary işjeň ulananlygy sebäpli bu ýagdaý ýaramaz netijelere getirdi. Bu maddalar Monreal teswirnamasy tarapyndan gadagan edilenden soň, ýagdaý kem-kemden gowulaşyp başlady. Ýöne ozona adamlaryň häzirlikçe gözegçilik edip bilmeýän beýleki prosesleri hem täsir edýär.

Soňky üç ýylda ozon deşigi adatdakysyndan giç ýapyldy. Alymlar muny atmosfera ozony dargadyjy tüsseleri goýberen Awstraliýadaky tokaý ýangynlarynyň täsiri bilen baglanyşdyrdylar.

«Ozon deşigi 2023-nji ýylda möhletinden öň açyldy we haçan ýok boljakdygy entek belli däl. Bilermenleriň aýtmagyna görä, munuň sebäbi Tonga wulkanynyň güýçli atylmagyndadyr. Ol atmosfera ummasyz suw buglaryny çykardy» diýip, «The Daily Mail» habarlar gullugy habar berýär.

# Täze hyzmatyny ýola goýar

**«Amazon» kompaniýasy 2024-nji ýylda Ýewropada «Prime Air» drony bilen eltip bermek hyzmatyny ýola goýar. Tehnologiýa ägirdi «Amazon»-yň şuňa meňzeş islegleri birnäçe ýyl ozal, has takygy, 2013-nji ýylda peýda bolupdy. Şol döwürde Jeff Bezos bu hyzmatyň aýratynlyklary barada ilkinji gezek belläp geçipdi. Şeýle-de bolsa, diňe häzir bu pikir aýdyňlaşdy we ABŞ-da birnäçe synaglardan soň 2024-nji ýylyň ahyrynda bu hyzmat Ýewropa ýurtlarynda ýola goýlar. «Amazon» kompaniýasy öz sargytlary üçin dronlaryň hyzmatyndan peýdalanyp, sarp edijilere ýetirjek ilkinji Ýewropa ýurtlary Italiýa we Beýik Britaniýa bolar.**

**Bu hyzmat 2022-nji ýylyň ahyrynda Demirgazyk Amerikanyň az ilatly şäherleri Lokfordda (Kaliforniýa ştaty) we Kollej-Steýşende (Tehas ştaty) täjirçilik maksady bilen ýola goýuldy we bir sagadyň içinde 2,25 kilograma çenli agramdaky ýüki eltip berdi. Göz öňünde tutulýan dron öňküsinden 40% asuda, 10 metr beýiklige çykyp, güýçli bolmadyk ýagyşda we şemalda uçup bilýär.**

**Kompaniýa 2030-njy ýyla çenli bu täze ulgamyň kömegi bilen, her ýylda 500 million sargyt almagy meýilleşdirýär. Ýewropada dronlar**



**«Amazon»-yň gündelik logistika paýlaýyş merkezleriniň üsti bilen dolandyrylar we ýük awtoulaglaryň hem-de beýleki ýük daşalýan ulaglaryň gidýän ýerlerinden iberiler. «Amazon» dronlaryny her ýurtda bir merkeze jemläp ugrar we öz hyzmatlaryny kem-kemden giňelder.**

# DUBAÝDA HAPA SUWUŇ HAS KÖP
## MUKDARY ARASSALANAR

**Dubaý şäher häkimligi 2030-njy ýyla çenli süýjedilen suwuň sarp edilişini we munuň üçin harçlanýan energiýany 30% azaldyp, dolulygyna gaýtadan işlenen suw üpjünçiligine geçmegi meýilleşdirýändigini mälim etdi. Suwy gaýtadan ulanmak maksatnamasy Birleşen Arap Emirlikleriniň «ýaşyl» ykdysadyýet baradaky pikirini goldaýar.**

**Häzirki wagtda Dubaýda sarp edilýän suwuň 90%-i gaýtadan ulanylyp, bu ýagdaý ýylda 2 milliarddan gowrak dirhem tygşytlamaga ýardam berýär. Suwy gaýtadan ulanmak möhüm tebigy baýlyklary tygşytlamakdan başga-da, süýjediji abzallar üçin zerur energiýany tygşytlaýar we ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaldýar.**

**Dubaý şäher häkimliginiň baş müdiri Dawud Al-Hajriniň pikiriçe, Dubaý hökümeti geljekki nesiller üçin suw serişdelerini tygşytlamagyň aýratyn ähmiýetiniň bardygyny öňden bäri ykrar etdi we suwy gaýtadan işlemekde şäher häkimliginiň ýurdy global «ýaşyl» ykdysadyýet merkezine öwürmek ugrundaky tagallalarynyň esasy bölegine öwürdi.**

**lenen suw merkezleşdirilen sowadyş ulgamlaryndan başlap, ýangyn söndüriş işlerine çenli dürli maksatlar üçin ulanylýar. 2022-nji ýylda merkezi sowadyjy beketler 6 million kubmetr-**



**Dubaýda eýýäm hapa suw arassalanyp, «ýaşyl» ýerleri suwarmak üçin ulanylýar. Ol uzynlygy, takmynan, 2 müň 400 kilometr bolan şäher ulgamyny, hemmelere açyk bolan baglary we seýilgähleri, şeýle hem ýaşaýyş ýerlerini öz içine alýar.**

**Mundan başga-da, gaýtadan işlenen suw-**

**den gowrak gaýtadan işlenen suwdan peýdalanyp, takmynan, 7,1 million dirhem tygşytlap, energiýa sarp edilişini we kömürturşy gazyny epesli azaltdy. Soňky 50 ýylda Dubaý şäher häkimligi 2030-njy ýyla çenli gaýtadan peýdalanýan suw üpjünçiligi maksatnamasynyň üstünde işleýär.**

# Dünýäniň iň beýik agaç binasy gurlar

**Dünýäniň iň beýik agaç binasy Stokgolmyň demirgazyk-günbatarynda Çista etrabynda gurlar. Beýikligi 140 metr bolan 40 gatly bina 2 müň iş orny üçin niýetlenen ofis edaralaryndan ybarat bolar. Onuň üçeginde restoran, eýwan we birinji gatynda kafe bolar.**

**Gurluşyk meýdançasy tötänleýin saýlanmady. Häzirki wagtda Çista Şwesiýada ähli babatda ösdürilmäge mynasyp ýer hasaplanýar. Şwesiýa tokaýlarynyň agaçlary ulanyljak ultra-döwrebap binanyň gurluşygy Norwegiýanyň «Stockholm Wood Tower» we «AB Invest A/S» kompaniýalary tarapyndan amala aşyrylar. Binanyň gurluşygyna 2026-njy ýylda başlanyp, 2028-nji ýylda ulanmaga berler.**

**Stokgolmyň şäher häkimliginiň habar bermegine görä, Çistanyň şäher gurluşygyny mundan beýläk-de ösdürmek üçin uly mümkinçilikleri bar. Bu ýerde 4 müň töweregi ýaşaýyş jaýynyň, myhmanhanalaryň, söwda we sport desgalarynyň, edara jaýlarynyň we çagalar baglarynyň gurulmagy meýilleşdirilýär.**





## TARYHDA ŞU GÜN

**1959-njy ýylyň 27-nji oktýabrynda «Luna-3» kosmos gämisi tarapyndan alnan Aýyň arka tarapynyň şekili ilkinji gezek habar beriş serişdelerinde köpçülikleýin çap edilýär. Ol «Prawda» gazetinde we beýleki ozalky sowet neşirleriniň sahypalarynda ýerleşdirilýär.**



# TÄZE EKOLOGIK ZOLAK PEÝDA BOLAR

**2024-nji ýylyň ahyryna çenli Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmyň merkezinde benzin we dizel hereketlendirijileri bilen işleýän awtoulaglaryň girmegi gadagan bolan ekologik zolak peýda bolar. Täze zolak 20 kwartaldan ybarat bolup, takmynan, 180 müň inedördül metr meýdany eýelär. 2025-nji ýylyň birinji ýarymynyň dowamynda zolak has-da giňeldiler.**

**Saglygy goraýyş, howpsuzlyk we jemgyýetçilik ulaglary bu gadaganlykdan boşadylýar. Syýasatçy Dennis Wedin ekologiýa zolagynyň durmuşa ornaşdyrylmagy barada durup geçip, bu meýilleşdirilýän sebitiň hemmelere elýeterli bolmajakdygyna gynanýandygyny aýtdy.**

**Kiçi telekeçiler täze düzgünleriň girizilmegi barada alada edýärler, sebäbi bu ýagdaý olaryň üpjünçiligini kynlaşdyrar. Emma arassa gurşawyň ähmiýetine salgylanyp, hökümetiň täze kararyny goldaýanlar hem bar.**

**Ilkibaşda Stokgolmyň taryhy merkezi bolan Gamla-Standa şeýle zolagy döretmek meýilleşdirildi, bu bolsa ýiti tankytlara sebäp boldy. Netijede, şäheriň taryhy merkezini özgerdip, ony «şäher gurşawyndaky ýaşyl zolak» diýip atlandyrmak kararyna gelindi.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# ŞÄHERLER BILEN ATDAŞ TAGAMLAR



**Dünýä aşhanasynda käbir tagamlar «doglan» şäherleri bilen meşhurlyk gazanyp, şol şäheriň adyny göterýär. Şol bir tagamyň dürli sebitde taýýarlanýandygyna garamazdan, ony dörän ýerinde dadyp görmek aýratyn lezzet berýär. Syýahatçylyk pudagynda aşhana hyzmatyna uly üns berilýär. Syýahatçylar dynç alýan şäherlerinde fransuz, italýan, hytaý we ýakyn gündogar aşhanalarynda myhmançylykda bolmak bilen, diňe şol şähere mahsus ýerli tagamlary hem dadyp görýärler. Gazetimiziň şu sanynda şäherler bilen atdaş tagamlaryň käbiri barada gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris!**



**Wena şniseli.** Wena barýan syýahatçylaryň köpüsi şnisel restoranlaryna barman gaýdanok. Köp ýurtda üwelen towuk etinden taýýarlanýan bu tagam wena aşpezçilik däplerine laýyklykda çylka göle etinden taýýarlanýar. Italýanlar Wena şniselinden nusga alyp, şoňa meňzeş «Cotoletta alla Milanese» tagamyny döredendiklerini belleýärler. Awstriýa medeniýetinde çörek owuntyklary bilen daşy örtülip, gyzardylyp gowrulan et (şnisel) XIX asyrdan bäri meşhur tagamlaryň biri hasaplanýar.



**Pekin ördegi** Ming neberesi döwründe oýlanyp tapylan milli tagamlaryň biri bolup, asyrlarboýy halk arasynda meşhur iýmit hasaplanypdyr. Pekinde ilkinji pekin ördegi restorany XV asyrda açylýar. Bu restoran häzirki wagtda hem müşderilere hyzmat edýär. Restoranda ördegiň bu görnüşi ýapyk peçlerde haýaljakdan bişirilýär. Pekin ördegi ýumşaklygy we şireliligi bilen tapawutlanýar.



**Buffalo ganatlary,** ýagny huruşly towuk ganatlary restoranlarda iň köp sargyt edilýän tagamlaryň biridir. Ilkibaşda iň köp ilatly şäherleriň biri bolan Buffaloda peýda bolan bu tagam, soňlugy bilen tutuş Nýu-Ýorka we Amerikanyň beýleki sebitlerine ýaýraýar. Buffalo ganatlary taýýarlananda ilki ýarymyndan kesilip, marinad edilýär. Soňra gaty gowrulyp, ýagy süzülenden soň üstüne gyzyl burçly huruş guýlup, müşderilere hödürlenýär.



**Bolon batyrmasy.** Italýan aşhanasynyň meşhurlygyna Bolonýa hem öz goşandyny goşupdyr. Bu şäherde taýýarlanýan bolon batyrmasy her bir syýahatçyda uly täsir galdyrýar. Bolon batyrmasyna käşir, seldereý (ukroba meňzeş ot), sogan, et, käbir ýagdaýlarda-da pomidor hem goşulýar. Bolon batyrmasy, adatça gaýnadylan italýan unaşy (tagliatelle) bilen bilelikde berilýär.



**Ýorkşir pudingi.** Angliýanyň demirgazyk sebiti bolan Ýorkşir şäherinde taýýarlanýan puding meşhur tagamlaryň biri hasaplanýar. Ýorkşir pudingine un, ýumurtga, ýag we süýt goşulyp, öňünden gyzdyrylan tegelek gaplarda bişirilýär. 1700-nji ýyllarda peýda bolan kömelege meňzeş bu tagamyň içine ilkibaşda etli batyrma goýlup iýlipdir. Soňlugy bilen Ýorkşir pudingi şokolad bilen örtülip, meşhur süýjülikleriň birine öwrülýär.

# HALKARA ANIMASIÝA GÜNI

**Her ýylyň 28-nji oktýabrynda bellenilýän Halkara animasiýa güni (Bütindünýä multfilm güni) ilkinji animasiýanyň köpçülige hödürlenmeginiň 110 ýyllygy mynasybetli 2002-nji ýylda Halkara Animasiýa Film Assosiasiýasynyň (ASIFA) başlangyjy bilen döredilýär. Çagalar üçin oýlanyp tapylan gyzykly güýmenjeleriň biri hem animasiýa bolup, ilkibaşda ak-gara çyzykly çekilen suratlar arkaly görkezilipdir. Sungatyň bu görnüşi häzirki wagtda iň köp gyzyklanma bildirilýän pudaga öwrüldi.**



**Taryhy**

1888-nji ýylda suratkeş we oýlap tapyjy Şarl-Emil Reýno aýna, çyra we proýektor ulanyp suratlary hereket edýän ýaly görkezýän «Teatr optikasy» atly enjamyna patent alýar. Bu enjamda suratlar el bilen aýlanýan uzyn zolakda ýerleşdirilýär. Suratlary yzly-yzyna geçirmek üçin uly ussatlyk gerek bolupdyr. Şonuň üçin hem ilkibaşda bu işi oýlap tapyjynyň özi amala aşyrypdyr. 1892-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda Parižäki Grewen muzeýinde «Pantomimes Lumineuses» atly animasiýa ilkinji gezek bu enjamda köpçülige görkezilýär. Bu animasiýa «Pauvre Pierrot», «Un bon bock» we «Le Clown Et Ses Chiens» atly üç bölümden ybarat bolupdyr. Her bölüm 500-den 600-e çenli aýratynlykda reňklenen suratdan düzülip, 15 minutlap dowam edýär. Bu animasiýanyň görkezilişi 1900-nji ýyla çenli dowam edip, oňa 500 müň adam tomaşa edýär. Şondan soňra animasiýa önümleri ösüp başlaýar. 1908-nji ýylda fransuz suratkeşi Emil Kol häzirki zaman multfilmlerine meňzeş ilkinji animasiýa filmini döredýär. 1923-nji ýylda doganlar Wolt we Roý Disneýler ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň Berbank şäherinde «Walt Disney» kompaniýasyny döredýärler. 1995-nji ýylda «Pixar» studiosy ilkinji kompýuter animasiýasyny öndürýär. «Oýnawaçlaryň hekaýaty» atly bu multfilm 362 million dollar girdeji gazanyp, şol döwürde görlen sany boýunça rekord goýýar.

**Animasiýa näme?**

Animasiýa fransuz dilindäki «anime» sözünden gelip çykyp, «janly» diýmegi aňladýar. Ýaponiýada bu adalga «çyzgy, çyzyk» diýen manyda ulanylýar. Animasiýa ilkibaşda çekilen suratlary yzygiderlilikde geçirip hereket etdirmek arkaly dörän, sessiz şekilli sungat hökmünde ýüze çykýar. Soňlugy bilen, gurjaklardan düzülen, palçykdan, kagyzdan ýasalan şekilli animasiýalar peýda bolýar. Kompýuter animasiýalarynyň döremegi bilen şekiller «janly» görnüşe geçirilýär. «Janly» şekiller öz seslerinde animasiýada dürli keşpleri ýerine ýetirip başlaýarlar. Şeýlelikde, nusgawy animasiýalar bolan «Bembi» (1942), «Hanym hem-de sergezdan» (1955), «Aladdin» (1992), «Ruhlaryň gaçyşy» (2004), «Doňdurylan» (2013) ýaly multfilmler köpçülige hödürlenip, çagalaryň gyzykly güýmenjesine öwrülýär. Tehnologiýa enjamlarynyň ösmegi bilen 2D, 3D, «Flash» we VFX animasiýalar ýüze çykýar.

Multfilm çagalar üçin ähmiýetlidir. Multfilme tomaşa etmek arkaly körpeler söz baýlygyny we bilimini artdyrýarlar, döredijilik ukybyny ösdürýärler. Multfilmler tomaşaçylaryň gülki gormonyny ösdürip, şähdini açýar. Animasiýa dürli halklaryň medeniýetini öwrenmäge hem mümkinçilik berýän sungat eseridir.

## Saglyga peýdaly däneli miwe

**Güýz paslynda ýetişýän köz ýaly däneli miweleriň biri hem nardyr. Ata Watany Ýakyn Gündogar ýurtlary hasaplanýan bu miwede B witamini, askorbin turşusy, antioksidantlaryň baý çeşmesi saklanýar. Nar gadymy döwürlerden bäri saglyga peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. Nar bedeni gurplandyryp, immuniteti güýçlendirýär. Nardaky antioksidantlar içege mikrobiomasy üçin peýdaly bolup, bakteriýalaryň köpelmeginiň öňüni alýar. Bu miwäniň gabygy içgeçmede, bagyr we böwrek ýetmezçiliklerinde peýdalanylýar. Naryň sykylan şiresi iýmit siňdiriş ulgamy üçin peýdaly bolup, aşgazan suwuklygynyň bölünip çykmagyny üpjün edýär. Bu däneli miwe gan damarlarynyň dykylmagynyň öňüni alyp, ganyň düzümindäki şekeri azaltmaga, şeýle hem gan basyşyny peseltmäge ýardam edýär. Ýürek-damar ulgamy üçin peýdaly bolan bu miwe beýniniň işini güýçlendirip, ýatkeşligi ösdürýär hem-de ünsüňi bir ýere jemlemäge kömek edýär. Turşulygy güýçli bolandygy sebäpli aşgazan-içege ulgamynda näsazlygy bolan adamlara nar iýmek maslahat berilmeýär.**



## ÇAGALAR

✓ Awstraliýada duş gelýän ýaprakly möý (phonognatha graeffei) öýüniň merkezinde guran ýaprak ýerleşdirýär.

# IŇ GOWY «ÖÝ GURUJYLAR»

**Ýer ýüzünde «ýaşaýan öýi» bilen tapawutlanýan janly-jandarlaryň birnäçesi duş gelýär. Göräýmäge guşlaryň hemmesi birmeňzeş höwürtge gurýan ýaly, ýyrtyjylaryň we gemrijileriň köpüsi hinlerde ýaşaýan ýaly. Ýöne aslynda bu beýle däl. Tebigatda «ussat gurluşykçylar» adyna eýe bolan janly-jandarlaryň birnäçesi bar. Geliň, olaryň käbiri bilen tanyş bolalyň!**



**«Vogelkop Bowerbird» höwürtgesi.** Bu guşuň örän täsin «jaý gurmak» ukyby bar. «Vogelkop» bu guşuň ady bolup, lakamyndaky «bower» bölegi külbä meňzeş öý gurýandygy sebäpli dakylypdyr. «Bowerbird» külbä meňzeş öý gurýan guş diýmegi aňladýar. Bu guşlar çybyklardan külbä meňzeş öý gurýarlar. «Ussat gurluşykçylar» külbäniň girelgesini owadan ýapraklar, güller we ýalpyldawuk tomzaklar bilen bezeýärler. Külbäniň ululygy 100-150 santimetr töweregi bolýar. Bu guşlaryň horazy mäkiýanynyň göwnünden turmak üçin «öýüň girelgesini we howlyny» arassa saklamaga çalyşýar. Daş-töweregini haşal otlardan, gaçan ýapraklardan we çöp-çalamlardan arassalap gezýär.



**Ary öýjügi.** Arylar deňsiz-taýsyz gurluşyk ukybyna eýe bolan zähmetsöýer mör-möjekleriň biridir. Amerikaly matematik Tomas Heýls ary öýjükleriniň geometrik ölçeglere gabat gelýän iň gowy tebigy gurluşdygyny belleýär. Arylar az meýdanda altyburçluk öýleriň ýüzlerçesini gurmak arkaly iň amatly gurluşyk usulyny saýlap alypdyrlar. Arylar umumy perimetri ulanyp, öýlerini deň böleklere bölýärler.



**Garynja şäheri.** Garynjalar haýwanat dünýäsiniň işeňňir «öý gurujylary» hasaplanýar. Mör-möjegiň bu görnüşi uly depelerde, tekiz ýerde birnäçe metre uzaýan ýerasty öýleri gurýarlar. Tor ýaly çylşyrymly ýodalary bolan garynja şäheri oýulyp ýasalýar. Garynjalar gumy ölläp, ýodalary, öýleri we ammarlary ýasaýarlar. «Öýleriň ýykylmazlygy» üçin kömürturşy gazy bolan çygly toprakda gurluşyk işlerini geçirýärler. Garynjalar ýyly günlerde daşan dänedir azyk iýmitlerini ammarlara ýerleşdirýärler. Gyşyna «şäheriň» girelgesini ýapyp, ýaza çenli toplan iýmitleri bilen oňňut edýärler.



**«Dokmaçylaryň umumy ýaşaýyş jaýy».** Uzakdan seredeniňde «agaçdan ýapyşyp duran» ullakan bede üýşmegine meňzeýän bu höwürtgäni afrikaly «dokmaçylar» (philetairus socius) otlaryň baldagyndan gurýarlar. Höwürtgäniň esasy bölegini gurmak üçin agajyň gury şahalaryndan peýdalanýan bu guşlar höwürtgesini agajyň şahalap duran ýerinde, otaglaryň girelgesini aşak ýa-da gapdala bakdyryp ýasaýarlar. Her otagyň içini ýumşak bolar ýaly ownuk otlar, süýümler bilen örtýärler. «Dokmaçylaryň» her höwürtgesinde ýüzlerçe otag bolup, 400-e golaý guş ýaşaýar. Bu guşlaryň öý gurmakdaky esasy aýratynlygy höwürtgesini dokap, ýele çydamly görnüşde ýasamagydyr. Berkligi sebäpli «dokmaçylaryň» öýüniň üstünde köplenç ýyrtyjy guşlar höwürtge gurýarlar.



**Möý kerebi.** «Örümçiler» adyny alan möýleriň dünýäde 45 müňden gowrak görnüşi duş gelýär. Bularyň ählisi diýen ýaly ýaşajak öýüni kerepden örüp ýasaýarlar. Awstraliýada duş gelýän ýaprakly möý (phonognatha graeffei) öýüniň merkezinde guran ýaprak ýerleşdirýär. Bu möý guran ýapragyň içinde ýatyp, şol ýerde-de köpelýär. Möýler maýyşgaklygy, agram göterijiligi göz öňünde tutup, öý gurup bilýän ezber gurluşykçylardyr.



**Samyr bendi.** Gemrijileriň arasynda iň meşhur gurluşykçylar samyr hasaplanýar. Samyrlar «ýaşaýyş jaýyny» gurmak üçin suwuň üstünde bentleri gurýarlar. Bu gemrijiler bent döretmek üçin agajy gemrip ýykýarlar. Soňra agajy togalap getirip, suwuň üstünde keseligine berkidýärler. Akyp gelýän gyrmançalar, çöp-çalamlar wagtyň geçmegi bilen agaja ýapyşyp, suwuň öňüni böwetleýär. Şeýlelikde, samyrlaryň ýaşamagy üçin oňaýly bolan howuzly meýdança emele gelýär. Bu jandarlar sowukdan we ýyrtyjylardan goranmak üçin çöp-çalamdan ýasalan öýüniň daşyny palçyk bilen örtýärler. Samyrlar tebigatda iň gowy «agaç ussasy» hasaplanýar.



**Asma höwürtge.** «Montezuma oropendola» ady bilen tanalýan guşlar Merkezi Amerikadaky tokaýlyklarda täsin asma höwürtgeleri gurýarlar. Bu guşlar ýumurtgasyny maýmynlardan goramak maksady bilen höwürtgesini agaçlaryň baldagynyň ujunda asma görnüşinde ýasaýarlar. Höwürtgesiniň berk bolmagy üçin üzüm çybyklaryndan, çyrmaşyk otlaryň baldagyndan peýdalanýarlar.



**Sarygarynja depeleri.** Käbir sebitde tokaýlarda ýa-da düzlüklerde uly depelere duş gelinýär. Bu depeleriň beýikligi 3 metrden 5 metre çenli ýetýär. Sarygarynjalar agaçlary iýmek üçin ilki daşyna palçyk çalýarlar. Palçyk sarygarynjalary Gün şöhlesinden gorap, öýüň içinde salkyn howa şertini döretmäge mümkinçilik berýär. Mör-möjegiň bu görnüşi topar bolup ýaşap, depeleriň içinde basgançaklary, tunnelleri we suw geçirijilerini gurýarlar. Ýeriň aşaky böleginde otaglar we ammarlar ýerleşýär. «Ussat gurluşykçylar» depeleri ýörite döredýärler. Sarygarynjalar öz arasynda gözegçi, ýük daşaýjy we işçi garynjalar ýaly toparlara bölünýär.



**Toýun höwürtge.** Günorta amerikaly «gödek hornerolar» ýaşajak öýüni toýun palçykdan gurýarlar. Bu guşlar agajyň uly şahaly bölegine palçyk daşap, gümmez şekilinde jaý ýasaýarlar. Çyg gümmez Gün şöhlesine bişip, gaty gatlaga öwrülýär. Bu bolsa «gödek hornerolaryň» güýçli ýagyşdan, ýelden we ýyrtyjylardan goranmagyny üpjün edýär.




Sanlary birleşdiriň!



12 tapawudy tapyň!





# Filmlerde çagalary bilen surata düşen ýyldyz artistler

**Islendik kärde-de «Ata kesbi ogla halal» diýen ýörelgä eýerýänler bolup, sungatyň dürli ugurlarynda bu giňden ýaýrandyr. Kino sungatynyň merkezi hasaplanýan «Hollywood»-da birnäçe meşhur artist öz ene-atasynyň kärlerini saýladylar. Şolaryň arasynda kakasy ýa-da ejesi bilen bir filmde keşp janlandyran artistler hem bar. Ýagny meşhur aktýordyr aktrisalaryň käbiri öz çagalary — oguldyr gyzlary bilen bir filmde surata düşdi.**

Şolaryň biri irki ýyllaryň meşhur aktrisasy Blaýt Danner öz gyzy, oskarly meşhur aktrisa Gwinet Paltrow bilen 2 ekran eserinde surata düşdi. Eneli-gyzyň ilkinji ekran eseri 1992-nji ýyldaky «Cruel Doubt» atly gysga göwrümli serialdyr. 2003-nji ýylda ekranlara çykan «Silwiýa» (Sylvia) filminde baş keşbi Gwinet Paltrow janlandyryp, ejesi Blaýt Danner kinoda-da onuň ejesiniň keşbini ýerine ýetirýär.



Oskarly aktýor Will Smit hem ogly Jaden Smit bilen 2 filmde baş keşpde surata düşdi. Olar 2006-njy ýyldaky «Rowaçlyk ugrunda göreş» (The Pursuit of Happyness) hem-de 2013-nji ýyldaky «Dünýä: täze başlangyç» (After Earth) filmlerinde ataly-ogluň keşplerini ussatlyk bilen janlandyrdylar. Şol bir wagtyň özünde aktýoryň gyzy Willow Smit kakasynyň baş keşpde surata düşen 2007-nji ýyldaky «Men rowaýaty» (I Am Legend) filminde kinonyň baş gahrymany, ýagny Will Smitiň gyzynyň keşbinde çykyş etdi.



Ussat aktýor, Oskar baýragynyň 2 gezek eýesi Tom Hanks hem ogly Kolin Hanks bilen 2 filmde surata düşdi. 45 ýaşyndaky Kolin karýerasynyň ilkinji filminde kakasy bilen «Ine, seniň edýäniň!» (That Thing You Do!, 1996) atly komediýada kiçeňräk keşbi ýerine ýetirýär. Ussat aktýoryň ogly bilen surata düşen 2-nji kinosy 2008-nji ýyldaky «Beýik Bak Howard» (The Great Buck Howard) filmidir. Bu filmde Tom ogly Kolinsiň kakasynyň keşbini janlandyrýar.

Kino sungatynyň özboluşly aktýory Jonni Depp soňky döwürlerde tanalyp başlan gyzy, «The Idol» serialy bilen meşhurlyga ýeten aktrisa Lili-Rouz Depp bilen 2 filmde surata düşdi. 24 ýaşyndaky akt-



risa ilkinji 2 ekran eserinde, ýagny «Ýabany diş» (Tusk, 2014) hem-de «Ýoga edýänler» (Yoga Hosers, 2016) filmlerinde kakasy bilen kameranyň garşysyna geçipdi.

2014-nji ýylda pajygaly ýagdaýda aradan çykan meşhur aktýor Robin Williams hem gyzy Zelda Williams bilen «D-niň öýi» (House of D) komediýa filminde bile surata düşüpdiler.

Dünýä belli aktrisa Anjelina Joli hem kakasynyň kärini ýöredýän sungat işgärleriniň biri bolup, ol tanymal aktýor Jon Woit bilen bir filmde ekrany paýlaşypdy. 2001-nji ýylda ekranlara çykan «Lara Croft: Tomb Raider» filminde Joliniň kakasynyň keşbini onuň hakyky durmuşdaky kakasy Jon Woit janlandyrypdy. Şol sanda oskarly aktrisa Joli hem öz



gyzy Wiwien Joli-Pitt bilen «Malifisenta» (Maleficent, 2014) filminde surata düşdi. Filmde ýaşajyk Wiwien Auroranyň keşbini janlandyrdy.

21 dalaşgärlik bilen Oskara iň köp dalaşgär görkezilen aktrisa Meril Strip bu özboluşly duýgyny başdan geçiren artistleriň biridir. Oskar heýkeljikleriniň 3-siniň eýesi Meril Strip «Riki we Fleş» (Ricki and the Flash) atly 2015-nji ýylyň önümi bolan filmde Riki atly rok ýyldyzynyň keşbini janlandyrypdy. Şonda aktrisanyň gyzy Mami Gammer hem oňa ýoldaşlyk edipdi. Olar hakyky durmuşda bolşy ýaly, filmde-de eneli-gyzyň keşbini ýerine ýetiripdiler.

Irlandiýaly belli aktýor Brendan Glison hem bu sanawa goşulanlaryň biridir. Iki ogly hem aktýor bolan Brendan Glison uly ogly Domnall bilen meşhur «Harri Potter» filmleriniň ýedinjisinde (Harry Potter and the Deathly Hallows – Part 1) surata düşüpdiler. Hemmä mälim bolşy ýaly, Brendan Glison «Harri Potter» filmlerinde ýekegöz professoryň — Alastor Mudiniň keşbinde çykyş edipdi. Ogly Domnall bolsa Bill Wizliniň keşbini ýerine ýetirdi.

## Kino täzelikleri



**«Barbi» (Barbie) filminde baş keşpleri janlandyran Margo Robbi bilen Raýan Gosling ýene bir filmde bilelikde surata düşerler. Bred Pitt, Jorj Kluni ýaly aktýorlaryň surata düşen «Ouşeniň 11 dosty» (Ocean's 11) filminiň täze nusgasy ekranlaşdyrylar. Şol filmde-de Robbi bilen Gosling esasy keşpleri ýerine ýetirer. Filmiň prodýuseri Jouzi MakNamara bu barada: «Häzirlikçe bir zatlar aýtmak kyn, ýöne ozalkylar ýaly gowy film surata düşüreris. Film taýýar bolanda, oňa hemmäniň tomaşa etmegi üçin sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn» diýdi. Jeý Roaçyň režissýorlyk etjek filminiň ssenarisini Kerri Solomon ýazar. Filmdäki wakalar 1960-njy ýyllarda Ýewropada bolup geçýär we ozalky Ouşen kinolaryndaky hadysalardan öňki wakalara esaslanýar.**

**Stiwen Soderbergiň režissýorlyk eden «Ouşeniň 11 dosty» (Ocean's 11), «Ouşeniň 12 dosty» (Ocean's 12), «Ouşeniň 13 dosty» (Ocean's 13) filmleriniň hatarynda 2018-nji ýylda Keýt Blanşet, Sandra Bullok, Rihanna ýaly aktrisalaryň baş keşpde surata düşen «Ouşeniň 8 jorasy» (Ocean's 8) filmi hem goşulypdy.**



**«Hollywood»-yň ispaniýaly režissýorlaryndan Žaume Koliet-Serra bilen angliýaly aktrisa Emili Blant 2-nji gezek bile işleşer. 1800-nji ýyllarda ýaşap geçen ilkinji zenan aňtawçy Keýt Worn baradaky filme Koliet-Serra režissýorlyk eder, Blant bolsa prodýuser hökmünde gatnaşar. Dowam edýän iş taşlaýyş sebäpli häzirlikçe diňe prodýuser hökmünde gatnaşýan Blantyň filmde surata düşmegine hem garaşylýar. Blant režissýor Koliet-Serranyň 2021-nji ýyldaky başdangeçirme filmi «Jeňňeldäki gezelenç» (Jungle Cruise) ekran eserinde-de baş keşbi Dweýn Jonson bilen paýlaşypdy. Täze filmiň ssenarisiniň ilkinji taslamasyny Gustin Neş taýýarlap, ony Melissa Stak gutarnykly ýagdaýa getirer.**

## Täze filmler

**Ady:** «The Killer»; **Režissýory:** Dewid Finçer; **Ssenariçi:** Andrýuw Kewin Wolker (Aleks Mats Nolentiň «The Killer» atly eseri esasynda); **Prodýuseri:** Sean Çaffin; **Keşplerde:** Maýkl Fassbender, Arliss Howard, Çarlz Parnell, Kerri O'Malli, Sala Beýker, Sofie Şarlott, Tilda Swinton; **Kompozitory:** Trent Reznor, Attikus Ross; **Öndüriji:** «Plan B», «Boom! Studios», «Panic Pictures»; **Paýlaýjy:** «Netflix»; **Dowamlylygy:** 118 minut; **Görnüşi:** neo-noir, uruşly, triller; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.



Ussat režissýor Dewid Finçeriň täze filmi «The Killer» («Ganhor») diýlip atlandyrylýar. Aleks Mats Nolentiň adybir eseriniň Luk Žakamon tarapyndan çyzylan komiksleri esasynda ekranlaşdyrylan filmde baş keşbi meşhur aktýor Maýkl Fassbender janlandyrýar. 80-nji Wenesiýa film festiwalynda görkezilen ekran eseri «Netflix»-iň önümi bolup, kinoda Fassbenderden başga-da Arliss Howard, Tilda Swinton, Çarlz Parnell ýaly artistler hem dürli keşpleri ýerine ýetirýär. Filmde şowuna düşmedik wakadan soň şol hadysanyň sebäpkärleriniň ýoguna ýanmak üçin göreşýän professional jenaýatçy barada söhbet açylýar.

**Ady:** «Priscilla»; **Režissýory:** Sofiýa Koppola; **Ssenariçi:** Sofiýa Koppola (Prissilla Presliniň Sandro Harmon bilen bilelikde ýazan «Elvis and Me» atly eseri esasynda); **Prodýuseri:** Sofiýa Koppola, Ýuri Henli, Lorenzo Mieli; **Keşplerde:** Kaili Spaeni, Jeýkob Elordi, Dogmara Dominçik; **Kompozitory:** Finiks, Sons of Raphael; **Öndüriji:** «American Zoetrope», «The Apartment Pictures»; **Paýlaýjy:** «A24»; **Dowamlylygy:** 113 minut; **Görnüşi:** biografiýa, drama; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.

Meşhur zenan režissýor Sofiýa Koppolanyň täze filmi «Priscilla» («Prisilla») ekran eserinde baş keşbi Kaili Spaeni janlandyrýar. Wenesiýa film festiwalynda iň gowy aktrisa diýlip saýlanan Spaeniniň Oskara-da dalaşgär bolmagyna garaşylýar. Kanadanyň Toronto şäherinde ekranlaşdyrylan filmde Elwis Presliniň söýgülisi Prissila barada, onuň durmuşy hakynda söhbet açylýar.



## 47-nji KROSSWORD



Nurmuhammet ÇARYÝEW, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.

**DIKLIGINE:** **1.** Käselenen gawun. **2.** Gündelik iýmit. **3.** Eýelik edilýän emläk. **4.** Gadymy Orta Aziýa geografy Ebu ... al-Balhy. **5.** Planeta. **6.** Gerden. **7.** Ýiti pähimli, akylly. **9.** Gyz ady. **11.** Uçýan jandar. **14.** Garajaoglanyň çyn ady. **15.** Kir ýuwulýan gap. **16.** K.Ostrowskiniň «... nähili taplandy» eseri. **17.** Ugursyz, ýeňil. **18.** Boglan gül dessesi. **19.** Köki derman ösümlik. **21.** Eliň iç ýüzi. **22.** Müň ýyl. **25.** Öwünjeň, köp gepleýän. **27.** Iş başarmaýan, nalajedeýin. **29.** Gyz dogan. **31.** Ýuwaş-ýuwaş. **33.** Düýe maly. **34.** Gahrymançylykly edebi eser. **35.** Heniz ekilmedik ýer. **36.** Koreýa Respublikasynyň paýtagty. **37.** Welosiped ýaryşynyň bir görnüşi.

**KESELIGINE:** **1.** Çalyň üstüne süýt guýlan içgi. **7.** Möhüm, gerekli. **8.** Jana-jan, ýürekdeş. **10.** Gawundan taýýarlanýan iýmit. **12.** Awuly deňiz balygy. **13.** «... gazan gaýnatmaz» (nakyl). **15.** Keýpi bozulan, ruhdan düşen. **20.** «Saçagynda ýagly petir, Kim ..., elin ýetir» (K. Gurbannepesow). **22.** Üpül-süpül eginbaşly. **23.** Gepläp bilmeýän. **24.** Termin. **26.** Keýmir körüň gyzynyň lakamy. **28.** Biçäre. **30.** Ýetişikli, başarjaň. **32.** Iliň zady. **35.** Birdenkä. **38.** Wyždan. **39.** Bir döwletiň ýaşaýjysy. **40.** Sypjyk, hilegär.

46-njy krosswordyň jogaby:



31-nji skanwordyň jogaby:



## 32-nji SKANWORD




Gurbanbike BÄŞIMOWA, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## Bir sözlemde...

Tennis boýunça Tokioda geçirilen erkekleriň arasyndaky «Ýaponiýa Açyk» ýaryşynda amerikaly Ben Şelton çempionlyk gazanyp, ol finalda russiýaly Aslan Karasewi 7:5, 6:1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we karýerasyndaky ilkinji kubogyny asmana galdyrdy.

Belgiýanyň Antwerpen şäherinde geçirilen «Ýewropa Açyk» tennis ýaryşynda gazagystanly Aleksandr Bublik bilen fransiýaly Artur Fils finalda duşuşyp, olaryň birinjisi 2 setde 6:4 hasaplar esasynda garşydaşyny ýeňdi we 3-nji ATP Kubogyny gazandy.

Şwesiýanyň paýtagtynda geçirilen erkekleriň arasyndaky «Stokgolm Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda russiýaly Pawel Kotowy 4:6, 7:6, 6:3 hasaplar bilen ýeňen fransiýaly Gael Monfils bu bäsleşikde 12 ýyldan soň 2-nji çempionlygyny gazanyp, karýerasyndaky 12-nji kubogyny eýeledi.

Zenanlaryň arasyndaky «Szýansi Açyk» (Nançan, Hytaý) ýaryşynyň finalynda iki çehiýaly tennisçi – Katerina Sinýakowa bilen Marie Bouzkowa duşuşyp, olaryň birinjisi 1:6, 7:6, 7:6 hasaplar bilen watandaşyny ýeňlişe sezewar etdi hem-de 5-nji WTA Kubogyny gazandy.

Rumyniýanyň Kluž şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Transilwaniýa Açyk» tennis bäsleşiginde germaniýaly Tamara Korpatç çempion bolup, ol finalda ýerli tennisçi Elena-Gabriela Ruseni 6:3, 6:4 hasaplar bilen utdy we ilkinji çempionlygyny baýram etdi.

Tunisiň Monastir şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Jasmin Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda italiýaly Jasmin Paolinini 6:3, 6:0 hasaplar bilen ýeňen belgiýaly Elize Mertens 8-nji WTA Kubogyny gazanmagy başardy.

«UFC 294» ady bilen BAE-niň paýtagty Abu-Dabide geçirilen MMA duşuşyklary agşamynda russiýaly Islam Mahaçew awstraliýaly Aleksander Wolkanowskini 1-nji raundda, 3-nji minut 6-njy sekuntda tehniki nokaut bilen ýeňlişe sezewar edip, karýerasyndaky 26-njy tutluşygynda 25-nji ýeňşini gazandy (Wolkanowskini şu ýylyň başynda-da ýeňipdi).

# 38 ýaşly Ronaldo gol geçirmegini dowam edýär

**AFK Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 3-nji duşuşyklar oýnaldy. «Al Ain», «Al Nassr», «Bangkok Ýunaýted», «Kawasaki Frontal», «Phohan Stilers» toparlary 3-nji duşuşygynda ýeňiş gazanmagy başardy.**

**«A» toparçada** «Al Ain» topary «Al Feýha» klubuny Autonneniň, Kakunyň (2) hem-de Rahiminiň gollary bilen 4–0 ýeňdi. Özbegistanyň «Pahtakor» topary-da öz meýdançasynda «Ahal» toparyny 3–0 (Erkinow 23, Turgunboýew 27, 59) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.





### BUNEDJAH HEM-DE MITROWIÇIŇ HET-TRIKLERI

**«B» toparçada** Kataryň «Al Sadd» kluby öz meýdançasynda Iordaniýanyň «Al Faýsaly» toparynyň derwezesinden jogapsyz 6 gol girizdi. Gollaryň 3-sini toparyň alžirli hüjümçisi Bagdad Bunedjah geçirdi (8, 50, 63). 1-nji ýarymy 1–0 tamamlanan oýnuň 2-nji ýarymynda 3 minutda 3 gol derwezä girizildi. Duşuşykda beýleki gollary Plata (51), Meşaal (52) hem-de Abdurisag (83) öz atlaryna ýazdyrdylar. Toparçadaky beýleki duşuşykda BAE-niň «Şarjah» topary Özbegistanyň «Nasaf» klubuny Kaio Lukasyň 45+5-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi.

**«C» toparçada** Özbegistanyň AGMK topary bu tapgyrda-da ýeňlişe sezewar boldy. Öz meýdançasynda «Sepahandan» 3-1 asgyn gelen özbek klubunyň häzirlikçe utugy ýok. Saud Arabystanynyň «Al Itihad» topary öz meýdançasynda Yragyň «Al-Kuwa Al-Jawiýa» toparyny Hamdallahyň 90+4-nji minutda geçiren goly bilen 1-0 hasabynda utdy.

**«D» toparçada** «Al Hilal» hem edil Kataryň «Al Sadd» kluby ýaly 6-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Arap kluby öz meýdançasynda Hindistanyň «Mumbaý Siti» toparynyň derwezesinden jogapsyz 6 gol geçirdi. Gollaryň deň ýaryny Aleksander Mitrowiç geçirip, ol duşuşykda het-trik etdi (5, 67, 80). Beýleki gollary Milinkowiç-Sawiç (75), Al-Breýk (82) hem-de Al-Malki (90+5) derwezä girizdi.

«Nawbahor» bilen «Nassaji Mazandaran» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da ýer eýesi özbek kluby 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi.



### ŞU ÝYLKY GOLLARYNYŇ SANY 43-e ÝETDI

**«E» toparçada** 7 goluň geçirilen oýnunda «Al Nassr» topary öz meýdançasynda Kataryň «Al Duhail» toparyny 4–3 hasabynda ýeňdi. 3–0 öňe saýlanan ýer eýeleriniň gollaryny 25-nji minutda Talişka, 56-njy minutda Sadio Mane, 61-nji we 81-nji minutlarda Kristiano Ronaldo geçirdi. «Persepolis» bilen «Istiklolyň» arasyndaky oýunda-da ýer eýeleri Sadeginiň gollary bilen 2–0 utdy. Duşuşykda myhmanlar oýnuň başlarynda penaltini dürs urup bilmedi.

**«F» toparçada** Tailandyň «Bangkok Ýunaýted» topary ýeňişli ýörişini dowam etdirip, olar myhmançylykda Gonkongyň «Kitçi» toparyny 2–1 hasabynda ýeňdi.

**«G» toparçada** 3-nji oýunlardan soň 3 klubuň hem 6 utugy bar. Hytaýyň «Şandon Taişan» topary myhmançylykda «Inçheon Ýunaýtedi» 2–0 ýeňdi. Ýaponlaryň «Ýokohama F. Marinos» topary-da utuksyz «Kaýa-Iloile» (Filippinler) toparyndan 3-0 üstün çykdy.

**«H» toparçada** Awstraliýanyň «Melburn Siti» topary myhmançylykda Tailandyň «Buriram Ýunaýted» klubuny 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edip, utugyny 7-ä çykardy. Edil şol netije «Çžeszian» (Hytaý) – «Wentforet Kofu» (Ýaponiýa) toparlarynyň arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, ýer eýeleri ýeňiş gazandy.

**«I» toparçada** Ýaponiýanyň «Kawasaki Frontal» topary myhmançylykda Tailandyň «BG Pathum Ýunaýted» toparyndan 4–2 hasabynda üstün çykdy. Ýapon kluby 3-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazandy.

**«J» toparçada** koreýleriň meşhur klublaryndan «Phohan Stilers» ýoluny ýitgisiz dowam etdirip, toparçadaky güýçli garşydaşyny – «Urawa Red Daýmonds» toparyny Ýaponiýada 2–0 hasabynda utdy.

# Çempionyň 50-nji ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 18-nji tapgyry – Amerika «Gran Prisinde» hem çempionlygyny öň yglan eden Maks Werstappen ýeňiş gazandy. «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Tehasyň Ostin şäherindäki «Circuit of the Americas» trassasynda geçirilen ýaryşa 6-njy hatardan başlap, Werstappen 56 aýlawy 1 sagat 35 minut 21,362 sekuntda tamamlady. Bu onuň şu möwsümdäki 15-nji karýerasyndaky 50-nji ýeňşi boldy. Werstappen Amerika «Gran Prisindäki» sprint ýaryşynda-da ýeňiş gazandy.

«McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norrisiň 2-nji, «Ferrariden» ispaniýaly pilot Karlos Saýns Junior 3-nji ýeri eýeledi. Aslynda ýaryşda 2-nji ýere «Mercedes» toparynyň sürüjisi Lýuwis Hamilton mynasyp boldy. Ýöne ýaryşa ilkinji hatardan başlan «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ikisi goýberen tehniki ýalňyşlyklary sebäpli bäsleşikden çykaryldy. Lekler ýaryşy 6-njy orunda tamamlapdy.



Bassyr 3-nji çempionlygyny wagtyndan öň yglan eden Werstappen 18-nji ýaryşdan soň utugyny 466-a ýetirdi. 2-nji ýerdäki topardaşy Serhio Peresiň 240, 3-nji basgançakdaky Hamiltonyň 201 utugy bar.

Möwsümiň indiki bäsleşigi 29-njy oktýabrda Meksikanyň paýtagtynda geçiriler.

# ILKINJI BIRINJILIGI

Moto GP boýunça möwsümiň 16-njy ýaryşy Awstraliýada geçirildi. Fillip adasynda geçirilen 27 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Ducati Prima Pramac» toparynyň fransiýaly sürüjisi Ýohan Zarko ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 40 minut 39,446 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň 7 ýyllyk Moto GP karýerasyndaky ilkinji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.



Ýeňijiden 0,201 sekunt yza galan sanawyň lideri, «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia 2-nji ýeri eýeledi. «Ducati Gresini Racing» toparynyň italýan piloty Fabio Di Jennaronyň 3-nji bolan ýaryşynda çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan «Ducati Prima Pramac» toparynyň ispaniýaly piloty Horge Martin bäsleşigi «Red Bull KTM» toparyndan günorta afrikaly Bred Baýnderden soň 5-nji orunda tamamlady.

Awstraliýa «Gran Prisinden» soň sanawyň lideri Françesko Banaia möwsümiň tamamlanmagyna 4 ýaryş galanda, Horge Martin bilen arasyndaky utuk aratapawudyny 27-ä çykardy. Banaianyň 366, Martiniň 339, 3-nji orundaky italiýaly Marko Bezzekkiniň («Mooney VR46 Racing») 293 utugy bar.

Möwsümiň 17-nji ýaryşy 29-njy oktýabrda Tailandyň Buriram şäherinde geçiriler.



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*27-nji oktýabr:*

Al Hilal – Al Ahli (23:00)
Kristal Palas – Tottenham (00:00)
Žirona – Selta (00:00)

*28-nji oktýabr:*

Çelsi – Brentford (16:30)
Bawariýa – Darmştadt (18:30)
Arsenal – Şeffild Ýun. (19:00)
**Barselona – Real Madrid (19:15)**
Ýuwentus – Werona (23:45)

*29-njy oktýabr:*

Twente – Feýenoord (16:15)
Brest – PSŽ (17:00)
**PSW – Aýaks (18:30)**
Liwerpul – N. Forest (19:00)
Lill – Monako (19:00)
Aýntraht – Borussiýa D (19:30)
**M. Ýunaýted – Man. Siti (20:30)**
**Inter – Roma (21:00)**
Baýer – Fraýburg (21:30)
SSKA – Krasnodar (21:30)
**Napoli – Milan (00:45)**
Marsel – Lion (00:45)

*30-njy oktýabr:*

Lasio – Fiorentina (00:45)

# 255-nji resmi «El Klasiko»

Ýewropanyň öňbebaryjy çempionatlarynda nobatdaky tapgyrda biri-birinden gyzykly duşuşyklar futbol muşdaklaryna garaşýar. Öňümizdäki 3 günüň dowamynda geçiriljek täze tapgyryň duşuşyklarynda iň köp ünsi çekýän oýun «El Klasiko» duşuşygydyr. 28-nji oktýabrda geçiriljek «Barselona» – «Real Madrid» duşuşygy şenbe güni 19:15-de başlanar. Bu iki toparyň arasyndaky 255-nji resmi, umumylykda-da 297-nji «El Klasiko» bolar. Resmi oýunlara seredenimizde, «Real Madridiň» 102, «Barselonanyň» 100 ýeňşi bar (gollar 424 – 415). Umumylykda bolsa «Barselona» 124, «Real Madrid» 108 oýunda ýeňiş gazandy (gollar 519 – 479). Iki topar mundan öň «La Liganyň» çäginde 186 gezek duşuşyp, şolarda «Realyň» 77, «Barsanyň» 74 ýeňşi bar.




Şeýle-de, ýekşenbe günündäki birnäçe duşuşygyň arasyndan 4 sanysy öňe saýlanýar. Angliýanyň «Premier Ligasynda» Mançester derbisinde «Ýunaýted» öz meýdançasynda «Sitini» kabul eder. Duşuşyk Aşgabat wagty bilen 20:30-da başlanar. Iki topar 191-nji gezek özara güýç synanyşarlar. Mundan öňki 190 oýunda «Ýunaýted» 78, «Siti» 59 oýunda ýeňiş gazandy.

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da hem nobatdaky tapgyrda 2 esasy duşuşyk oýnalar. Ilki sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Roma» bilen duşuşsa, çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Milan» bilen güýç synanyşar. Duşuşyklar Ýewropa yklymynyň gyş sagadyna geçmegi sebäpli ozalky wagtyndan 1 sagat giç başlanar.

Ýene bir duşuşyk hem Niderlandlaryň çempionatyndaky PSW bilen «Aýaksyň» arasyndaky oýun bolar. Sanawyň başyny çekýän PSW bilen 17-nji ýerde barýan «Aýaksyň» duşuşygy 18:30-da başlar.



# Ýewropada ýylyň ýeňil atletikaçylary saýlandy

**Litwanyň paýtagty Wilnýusda geçirilen dabarada Niderlandlardan Femke Bol (400 metre, päsgelçilikli 400 metre ylgamak) bassyr 2-nji gezek Ýewropada ýylyň zenan ýeňil atletikaçysy diýlip saýlandy. 23 ýaşyndaky dünýä çempiony bu ugurda ukrainaly Ýaroslawa Mahuçih (beýikligine bökmek) hem-de ispaniýaly Maria Peresden (20 km, 35 km ýöriş) köp ses almagy başardy.**

**Ýewropada ýylyň erkek ýeňil atletikaçysy baýragyna bassyr 2-nji gezek norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen mynasyp boldy. Ol şwesiýaly Armand Duplantisden (syrykly bökmek) hem-de gresiýaly Miltiadis Tentoglundan (uzynlygyna bökmek) öňe saýlandy. Ingebrigtsen geçen ýyl baýragy Duplantis bilen paýlaşypdy.**

**Şeýle-de, Ýewropa ýylyň ösüp barýan ýyldyzy baýragyna oglanlardan italiýaly Mattai Furlani (uzynlyga, beýikligine bökmek), gyzlardan serbiýaly Anjelina Topiç (beýikligine bökmek) laýyk görüldi.**

# Rowaýaty futbolçy aradan çykdy

Dünýä futbolynyň belli şahsyýetlerinden, iňlis futbolynda uly yz galdyran Ser Bobbi Çarlton 86 ýaşynda aradan çykdy. Angliýanyň 1966-njy ýylda Dünýä Kubogyny gazanan ýygyndysynyň düzüminde oýnan, «Altyn top» baýragynyň eýesi, şol sanda Çempionlar Ligasynyň (Ýewropa Çempion Klublaryň Kubogy) ýeňijisi Ser Bobbi Çarlton 1937-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Eşingtonda doguldy. Ol 1956-njy ýylda başlan professional karýerasyny 1973-nji ýyla çenli «Mançester Ýunaýtedde» dowam etdirýär. Soňra 1980-nji ýyla çenli «Preston Nord End», «Woterford» hem-de Awstraliýanyň käbir klublarynda oýnaýar. Ýarymgoragda hem-de hüjümde oýnan Çarlton «Mançester Ýunaýtedde» 758 oýunda 249 gol geçirýär. Angliýanyň milli ýygyndysynda-da 106 oýunda 49 gezek tapawutlanýar.

Çarlton «Ýunaýtedde» 3 gezek milli çempionlyk, şol sanda Ýewropa Çempion Klublaryň Kubogyny hem-de FA Kubogyny 1 sapar gazanýar.

Çarlton 1958-nji ýyldaky Münhen uçar heläkçiliginden aman sypyp, ýaşap ýören soňky şahsyýetdi. Galyberse-de, Çarltonyň aradan çykmagy bilen Angliýanyň 1966-njy ýylda Dünýä Kubogyny gazanan ýygyndysynyň düzüminden diňe finalda 3 gol geçiren Ser Jorj Hörst häzirki wagtda ýaşap ýör.




### PREMIER LEAGUE (9) — 27 gol

**Liwerpul—Ewerton: 2–0** (Salah 75 p, 90+7), **Nýukasl—K.Palas: 4–0** (Merfi 4, Gordon 44, Longstaff 45+2, Wilson 66), **Nottingam—Luton Tawn: 2–2** (Wud 48, 76 — Ogbene 83, Adebaýo 90+2), **Man. Siti—Braýton: 2–1** (Alwares 7, Holann 19 — Fati 73), **Brentford—Börnli: 3–0** (Wissa 25, Mbeumo 62, Goddos 87), **Bornmut—Wulwerhempton: 1–2** (Solanke 17 — Mateus Kunýa 47, Kalaýjiç 87), **Çelsi—Arsenal: 2–2** (Palmer 15 p, Mudryk 48 — Raýs 77, Trossar 84), **Şeffild Ý.—M. Ýunaýted: 1–2** (Makberni 34 p — Maktomineý 28, Dalot 77), **Aston Willa—Fulham: 4–1** (Duglas Luis 30, 52 p, Wotkins 74, Beýli 89 — Bowen 56), **Tottenham—Fulham: 2–0** (Son 36, Maddison 54)

### LA LIGA (10) — 30 gol

**Osasuna—Granada: 2–0** (Budimir 11, 59 p), **R. Sosiedad—Malýorka: 1–0** (Mendes 64), **Hetafe—Betis: 1–1** (Maýoral 17 — Roka 1), **Sewilýa—Real Madrid: 1–1** (Alaba 74 ö.d. — Karwahal 78), **Selta—Atletiko: 0–3** (Grizmann 29 p, 64, 70), **Las Palmas—R. Wallekano: 0–1** (Bebe 90+1 p), **Žirona—Almeriýa: 5–2** (Martin 37, Dowbyk 39, 43, Sawio 71, Stuani 85 — Baptistao 2, 24), **Wilýarreal—Alawes: 1–1** (Moreno 65 p — Omorodion 48), **Barselona—Atletik: 1–0** (Giýu 80), **Walensiýa—Kadiz: 2–0** (Gaýýa 4, Duro 25)

### SERIE A (9) — 29 gol

**Werona—Napoli: 1–3** (Lazowiç 60 — Politano 27, Kwaresheliýa 43, 55), **Torino—Inter: 0–3** (Turam 59, Martines 67, Çalhanoglu 90+5 p), **Sassuolo—Lasio: 0–2** (Anderson 28, Luis Alberto 35), **Roma—Monza: 1–0** (El-Şaarawi 90), **Salerntina—Kaliari: 2–2** (Dia 86, 90+4 p — Luwumbo 79, Wiola 88), **Bolonýa—Frozinone: 2–1** (Ferguson 19, De Silwestri 22 — Sule 63 p), **Atalanta—Jenoa: 2–0** (Lukmen 68, Ederson 90+5), **Milan—Ýuwentus: 0–1** (Lokatelli 63), **Udineze—Leççe: 1–1** (Towen 49 p — Pikkoli 83), **Fiorentina—Empoli: 0–2** (Kaputo 21, Gýasi 81)

### BUNDESLIGA (8) — 30 gol

**Borussiýa D—Werder: 1–0** (Brandt 67), **Wolfsburg—Baýer: 1–2** (Lakrua 41 — Frimpong 13, Grimaldo 62), **Darmştadt—Leipsig: 1–3** (Kemle 32 p — Openda 1, 72, Forsberg 24), **Union Berlin—Ştutgart: 0–3** (Girassi 16, Katompa Mwumpa 81, Undaw 88), **Fraýburg—Bohum: 2–1** (Doan 26, Grifo 45+2 p — Pasiensiýa 15), **Hoffenhaým—Aýntraht: 1–3** (Baýer 3 — Marmuş 11, Knauff 23, Shiri 45+3), **Maýns—Bawariýa: 1–3** (Kasi 43 — Koman 11, Keýn 16, Goreska 59), **Köln—Borussiýa M: 3–1** (Kaýns 9 p, 77 p, Waldşmidt 90+1 — Elwedi 64), **Haýdenhaým—Augsburg: 2–5** (Klýaýndinst 17, Beste 18 — Tis 29, Pedersen 41, Demirowiç 42, Uduohaý 64, Rejbesaý 87 p)

### LIGUE 1 (9) — 25 gol

**Le Hawr—Lans: 0–0, PSŽ—Strasbur: 3–0** (Mbappe 10 p, Soler 31, Ruis 77), **Nissa—Marsel: 1–0** (Gessand 80), **Loriýan—Renn: 2–1** (Omari 4 ö.d., Ture 45+1 — Blýas 21), **Lill—Brest: 1–0** (Ýazyjy 6), **Nant—Monpelie: 2–0** (Molle 44, Bamba 74), **Tuluza—Reýms: 1–1** (Dallinga 52 — Riçardson 48), **Monako—Mets: 2–1** (Golowin 42, 55 — Kamara 4), **Lion—Klermon: 1–2** (Ožie 52 ö.d. — Çam 10, Maniýa 35)

#### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TOTTENHAM | 9 | 7 | 2 | 0 | 20-8 | 23 |
| 2 | MAN. SITI | 9 | 7 | 0 | 2 | 19-7 | 21 |
| 3 | ARSENAL | 9 | 6 | 3 | 0 | 18-8 | 21 |
| 4 | LIWERPUL | 9 | 6 | 2 | 1 | 20-9 | 20 |
| 5 | ASTON WILLA | 9 | 6 | 1 | 2 | 23-13 | 19 |
| 6 | NÝUKASL | 9 | 5 | 1 | 3 | 24-9 | 16 |
| 7 | BRAÝTON | 9 | 5 | 1 | 3 | 22-18 | 16 |
| 8 | M. ÝUNAÝTED | 9 | 5 | 0 | 4 | 11-13 | 15 |
| 9 | WEST HAM | 9 | 4 | 2 | 3 | 16-16 | 14 |
| 10 | ÇELSI | 9 | 3 | 3 | 3 | 13-9 | 12 |
| 11 | K. PALAS | 9 | 3 | 3 | 3 | 7-11 | 12 |
| 12 | W. HEMPTON | 9 | 3 | 2 | 4 | 11-15 | 11 |
| 13 | FULHAM | 9 | 3 | 2 | 4 | 8-15 | 11 |
| 14 | BRENTFORD | 9 | 2 | 4 | 3 | 14-12 | 10 |
| 15 | NOTTINGAM | 9 | 2 | 4 | 3 | 10-12 | 10 |
| 16 | EWERTON | 9 | 2 | 1 | 6 | 9-14 | 7 |
| 17 | LUTON TAWN | 9 | 1 | 2 | 6 | 8-17 | 5 |
| 18 | BÖRNLI | 9 | 1 | 1 | 7 | 7-23 | 4 |
| 19 | BORNMUT | 9 | 0 | 3 | 6 | 6-20 | 3 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 9 | 0 | 1 | 8 | 7-24 | 1 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 9 |
| 2 | Hyn Min SON (Tottenham) | 7 |
| 3 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 7 |
| 4 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 6 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 6 |

#### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 10 | 8 | 1 | 1 | 21-7 | 25 |
| 2 | ŽIRONA | 10 | 8 | 1 | 1 | 24-13 | 25 |
| 3 | BARSELONA | 10 | 7 | 3 | 0 | 22-10 | 24 |
| 4 | ATLETIKO M | 9 | 7 | 1 | 1 | 23-8 | 22 |
| 5 | R. SOSIEDAD | 10 | 5 | 3 | 2 | 18-12 | 18 |
| 6 | ATLETIK B | 10 | 5 | 2 | 3 | 16-10 | 17 |
| 7 | R. WALLEKANO | 10 | 4 | 4 | 2 | 12-13 | 16 |
| 8 | BETIS | 10 | 3 | 5 | 2 | 12-14 | 14 |
| 9 | WALENSIÝA | 10 | 4 | 2 | 4 | 12-11 | 14 |
| 10 | OSASUNA | 10 | 4 | 1 | 5 | 11-14 | 13 |
| 11 | HETAFE | 10 | 2 | 5 | 3 | 13-16 | 11 |
| 12 | LAS PALMAS | 10 | 3 | 2 | 5 | 6-9 | 11 |
| 13 | SEWILÝA | 9 | 2 | 3 | 4 | 14-13 | 9 |
| 14 | WILÝARREAL | 10 | 2 | 3 | 5 | 12-16 | 9 |
| 15 | KADIZ | 10 | 2 | 3 | 5 | 8-14 | 9 |
| 16 | ALAWES | 10 | 2 | 3 | 5 | 8-14 | 9 |
| 17 | MALÝORKA | 10 | 1 | 5 | 4 | 12-16 | 8 |
| 18 | SELTA | 10 | 1 | 3 | 6 | 10-18 | 6 |
| 19 | GRANADA | 10 | 1 | 3 | 6 | 15-25 | 6 |
| 20 | ALMERIÝA | 10 | 0 | 3 | 7 | 13-29 | 3 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 8 |
| 2 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 7 |
| 3 | Braýan SARAGOSA (Granada) | 5 |
| 4 | Takefusa KUBO (R. Sosiedad) | 5 |
| 5 | Iniaki WILLIAMS (Atletik B) | 4 |

#### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 9 | 7 | 1 | 1 | 24-5 | 22 |
| 2 | MILAN | 9 | 7 | 0 | 2 | 16-9 | 21 |
| 3 | ÝUWENTUS | 9 | 6 | 2 | 1 | 15-6 | 20 |
| 4 | FIORENTINA | 9 | 5 | 2 | 2 | 18-13 | 17 |
| 5 | NAPOLI | 9 | 5 | 2 | 2 | 20-10 | 17 |
| 6 | ATALANTA | 9 | 5 | 1 | 3 | 15-8 | 16 |
| 7 | ROMA | 9 | 4 | 2 | 3 | 20-12 | 14 |
| 8 | BOLONÝA | 9 | 3 | 5 | 1 | 7-10 | 14 |
| 9 | LEÇÇE | 9 | 3 | 4 | 2 | 10-11 | 13 |
| 10 | LASIO | 9 | 4 | 1 | 4 | 12-12 | 13 |
| 11 | MONZA | 9 | 3 | 3 | 3 | 8-8 | 12 |
| 12 | FROZINONE | 9 | 3 | 3 | 3 | 12-13 | 12 |
| 13 | SASSUOLO | 9 | 3 | 1 | 5 | 12-16 | 10 |
| 14 | TORINO | 9 | 2 | 3 | 4 | 6-12 | 9 |
| 15 | JENOA | 9 | 2 | 2 | 5 | 10-14 | 8 |
| 16 | WERONA | 9 | 2 | 2 | 5 | 6-11 | 8 |
| 17 | EMPOLI | 9 | 2 | 1 | 6 | 3-16 | 7 |
| 18 | UDINEZE | 9 | 0 | 6 | 3 | 5-13 | 6 |
| 19 | SALERNITANA | 9 | 0 | 4 | 5 | 6-19 | 4 |
| 20 | KALIARI | 9 | 0 | 3 | 6 | 5-18 | 3 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 11 |
| 2 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 6 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 5 |
| 4 | Nikolas GONZALES (Fiorentina) | 5 |
| 5 | Romelu LUKAKU (Roma) | 5 |

#### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 8 | 7 | 1 | 0 | 25-7 | 22 |
| 2 | ŞTUTGART | 8 | 7 | 0 | 1 | 25-8 | 21 |
| 3 | BAWARIÝA | 8 | 6 | 2 | 0 | 26-7 | 20 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 8 | 6 | 2 | 0 | 17-8 | 20 |
| 5 | LEIPSIG | 8 | 5 | 2 | 1 | 19-7 | 17 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 8 | 5 | 0 | 3 | 17-14 | 15 |
| 7 | AÝNTRAHT | 8 | 3 | 4 | 1 | 9-6 | 13 |
| 8 | FRAÝBURG | 8 | 4 | 1 | 3 | 9-14 | 13 |
| 9 | WOLFSBURG | 8 | 4 | 0 | 4 | 11-11 | 12 |
| 10 | AUGSBURG | 8 | 2 | 2 | 4 | 15-19 | 8 |
| 11 | HAÝDENHAÝM | 8 | 2 | 1 | 5 | 12-20 | 7 |
| 12 | DARMŞTADT | 8 | 2 | 1 | 5 | 13-22 | 7 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 8 | 1 | 3 | 4 | 14-19 | 6 |
| 14 | WERDER | 8 | 2 | 0 | 6 | 12-18 | 6 |
| 15 | UNION BERLIN | 8 | 2 | 0 | 6 | 11-17 | 6 |
| 16 | KÖLN | 8 | 1 | 1 | 6 | 7-15 | 4 |
| 17 | BOHUM | 8 | 0 | 4 | 4 | 6-21 | 4 |
| 18 | MAÝNS | 8 | 0 | 2 | 6 | 7-22 | 2 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 14 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 9 |
| 3 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 7 |
| 4 | Wiktor BONIFASE (Baýer) | 7 |
| 5 | Leroý SANE (Bawariýa) | 6 |

#### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MONAKO | 9 | 6 | 2 | 1 | 23-12 | 20 |
| 2 | NISSA | 9 | 5 | 4 | 0 | 10-4 | 19 |
| 3 | PSŽ | 9 | 5 | 3 | 1 | 20-7 | 18 |
| 4 | LILL | 9 | 4 | 3 | 2 | 12-10 | 15 |
| 5 | BREST | 9 | 4 | 3 | 2 | 9-8 | 15 |
| 6 | REÝMS | 9 | 4 | 2 | 3 | 15-12 | 14 |
| 7 | NANT | 9 | 4 | 2 | 3 | 16-15 | 14 |
| 8 | MARSEL | 9 | 3 | 3 | 3 | 12-12 | 12 |
| 9 | RENN | 9 | 2 | 5 | 2 | 15-12 | 11 |
| 10 | TULUZA | 9 | 2 | 5 | 2 | 11-10 | 11 |
| 11 | LE HAWR | 9 | 2 | 4 | 3 | 10-12 | 10 |
| 12 | LORIÝAN | 9 | 2 | 4 | 3 | 15-19 | 10 |
| 13 | STRASBUR | 9 | 3 | 1 | 5 | 8-14 | 10 |
| 14 | MONPELIE | 8 | 2 | 3 | 3 | 12-11 | 9 |
| 15 | LANS | 9 | 2 | 3 | 4 | 8-13 | 9 |
| 16 | METS | 9 | 2 | 2 | 5 | 8-16 | 8 |
| 17 | KLERMON | 8 | 1 | 2 | 5 | 7-13 | 5 |
| 18 | LION | 9 | 0 | 3 | 6 | 7-18 | 3 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 8 |
| 2 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 3 | Akor ADAMS (Monpelie) | 5 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 5 |
| 5 | Musa AL-TAMARI (Monpelie) | 5 |

# London derbisinde ýeňiş gazanan bolmady

**Italiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda «Milan» öz meýdançasynda «Ýuwentusdan» 1–0 hasabynda asgyn geldi. 40-njy minutda goragçysy gyzyl kart




alan «Milanyň» derwezesinden ýeke-täk goly uzak aralykdan Manuel Lokatelli geçiripdi. Ol şol duşuşygyň geçirilen gününden laýyk 8 ýyl öň «Milanda» oýnaýan mahaly «Ýuwentusyň» derwezesinden hem uzakdan gol geçirip, toparyna ýeňiş gazandyrypdy. Myhmançylykda «Torinony» 3–0 hasabynda ýeňen «Inter» topary «Milanyň» ýeňilmeginden soň sanawyň 1-nji basgançagyna beýgeldi. Tapgyryň iň geň galdyran netijesi Florensiýada hasaba alyndy. Öňdäki orunlarda barýan «Fiorentina» öz meýdançasynda mundan öňki 8 tapgyrda bary-ýogy 1 gol geçiren «Empoliden» 2–0 hasabynda utuldy. Häzirki çempion «Napoli» topary-da myhmançylykda Kwaresheliýanyň 2 gol geçiren oýnunda «Weronany» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



**Angliýanyň çempionatynda** «Çelsi» bilen «Arsenalyň» arasyndaky London derbisinde ýeňiş gazanan bolmady. Palmer hem-de Mudrygyň gollary bilen 2–0 öňe saýlanan «Çelsiniň» derwezesinden hasaby deňlän gollary Raýs hem-de Trossar geçirdi. Geçen möwsümiň çempiony «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Brentforddan» Hulian Alwares hem-de Erling Holannyň gollary esasynda 2–1 hasabynda üstün çykdy. Ähli ýaryşlary hasaba alanyňda öz meýdançasynda bassyr 21-nji ýeňşini gazanan «Mançester Siti» bu ugurda iň ýokary netije görkezen iňlis kluby boldy. Sanawyň lideri «Tottenham» Londonyň başga bir kluby «Fulhamy» Son hem-de Maddisonyň gollary esasynda 2–0 utup, ornuny saklamagy başardy. Liwerpul derbisinde «Liwerpul» öz meýdançasynda «Ewertony» Salahyň gollary bilen 2–0 ýeňdi.



**Ispaniýanyň çempionatynda** «Real Madrid» myhmançylykda «Sewilýa» bilen 1–1 deňme-deň oýnap, 2 utuk ýitirdi. «Barselona» 17 ýaşly oýunçysy Giýunyň oýna giren dessine geçiren goly bilen «Atletik» toparyny iň kiçi hasap bilen ýeňdi. Antuan Grizmannyň het-trik eden oýnunda «Atletiko Madrid» 25-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan «Seltany» 3–0 hasabynda utdy. Öňdäki üçlükden düşmän gelýän «Žirona» topary myhmançylykda «Almeriýa» bilen duşuşyp, garşydaşynyň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 5–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi.

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Baýer» myhmançylykda «Wolfsburgy» Frimpong hem-de Grimaldonyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. «Maýnsy» 3–1 hasap bilen utan «Bawariýanyň» gollaryny Koman, Keýn hem-de Goreska geçirdi. Duşuşykda oýnan «Bawariýanyň» ýyldyzy Tomas Müller «Bundesligadaky» 323-nji duşuşygynda ýeňiş gazanyp, bu ugurda rekordyň täze eýesi boldy. «Werderi» Brandtyň 67-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda çempionatda 20 oýundan bäri ýeňilmän gelýär.

**Fransiýanyň çempionatynda** «Monako» Golowiniň gollary bilen «Metsi» 2–1 hasabynda ýeňip, liderligini dowam etdirdi. PSŽ bolsa öz meýdançasynda Mbappeniň, Soleriň hem-de Ruisiň gollary esasynda «Strasbur» toparyny 3–0 utdy. Ýeňişsiz «Lion» öz meýdançasynda «Klermondan» utulyp, bu tapgyry-da utuksyz tamamlady.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «BAWARIÝA», «REAL MADRID», «MANÇESTER SITI» HEM-DE «BARSELONA» TOPARLARY 3-NJI DUŞUŞYKLARYNDA-DA ÝEŇIŞ GAZANDY

**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 3-nji duşuşyklar tamamlandy. Geçirilen 16 duşuşykda derwezelere 46 gol girizildi. Duşuşyklaryň deň ýarysynda, ýagny 8-sinde myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy. 6 oýun hem ýer eýeleriniň peýdasyna tamamlanyp, 2 duşuşykda deňlik hasaba alyndy. Ispan, iňlis, nemes klublarynyň 3-si, italýan toparlarynyň 2-si tapgyry ýeňiş bilen tamamlady.**







*«Bawariýa», «Real Madrid», «Mançester Siti» hem-de «Barselona» toparlary bu tapgyrda-da ýeňiş gazanyp, utuklaryny 9-a ýetirdiler. «Benfika» bilen «Milan» toparlaryna bolsa bu gezek hem gol geçirmek başartmady. «Benfika» bilen «Union Berliniň» ilkinji 3 duşuşykdan soň utugy ýok.*

### «Bawariýa» Stambuldan täze rekordlar bilen dolandy

● **«A» toparçada** «Bawariýa» myhmançylykda «Galatasaraýy» 3-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Nemes klubunyň gollaryny 8-nji minutda Koman, 73-nji minutda Keýn, 79-njy minutda-da Musiala geçirdi. 1-nji ýarymda erjel oýun görkezip, birnäçe amatly pursatlardan peýdalanyp bilmedik türk klubunyň ýeke-täk golunу 30-njy minutda penaltiden Mauro Ikardi derwezä girizdi. Şunlukda, «Bawariýanyň» toparçadaky ýeňilmezlik seriýasy 37 oýna çykdy. Toparçalarda 37 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Bawariýa» bu ugurda öz rekordyny ösdürmegini dowam edýär. Toparçalarda myhmançylykda 8-nji, umumylykda-da 16-njy ýeňşini gazanan münhenliler bu iki görkeziji boýunça-da rekordyň eýesidir.

### Maguaýr bilen Onana bu gezek toparyna ýeňiş getirdi

● UEFA Çempionlar Ligasynda **«A» toparçada** «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Kopengageni» Harri Maguaýryň 72-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda ýeňdi. Oýnuň ahyrynda «Kopengagen» toparyna hasaby deňlemäge uly mümkinçilik boldy. Maktomineýiň gödek hereketinden soň penalti bellenildi. 90+7-nji minutda ýerine ýetirilen bu urgyny Ýordan Larsson dürs urup bilmedi. Has takygy, topara geçen gününden bäri käbir gödek ýalňyşlyklar goýberen derwezeçi Andre Onana topy saklamagy başardy. Şunlukda, «Mançester Ýunaýted» toparçalardaky ilkinji 3 utugyny gazandy.

**«B» toparçada** «Arsenal» braziliýaly 2 atdaş hüjümçisi — Gabriel Martinelli (45+5) hem-de Gabriel Žesusyň gollary bilen myhmançylykda «Sewilýany» 2–1 hasabynda ýeňdi. «Lans» bilen PSW-niň arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady we duşuşyk 1–1 deňlikde tamamlandy.

### Bellingam bar bolsa ...

● **«C» toparçada** «Real Madrid» myhmançylykda «Bragany» Rodrigo hem-de Bellingamyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Bellingam fransiýaly Kristian Karambeden soň UÇL-de «Real Madridiň» oýunçysy hökmünde ilkinji 3 duşuşykda tapawutlanan 2-nji futbolçy boldy. «Napoli» topary bolsa myhmançylykda Raspadoriniň ýeke-täk goly bilen «Union Berlini» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



**«D» toparçada** geçen möwsümiň çärýek finalçysy «Benfika» öz meýdançasynda «Real Sosiedaddan» 1–0 asgyn geldi. San sebastianlylaryň ýeke-täk goluny 63-nji minutda Brais Mendes geçirip, ol 1-2-nji duşuşyklarda-da tapawutlanypdy. «Benfika» 3-nji duşuşygynda-da ne gol geçirdi, ne-de utuk gazandy.

«Inter» bolsa Aleksis Sançes (19) hem-de Hakan Çalhanoglunyň (64) penaltiden geçiren gollary bilen öz meýdançasynda «RB Salsburgy» 2–1 hasabynda ýeňmegi başardy.

**«E» toparçada** «Feýenoord» öz meýdançasynda «Lasiony» Himenesiň 2 gol geçiren oýnunda 3–1 hasabynda utdy. Myhmançylykda «Seltik» bilen duşuşan «Atletiko Madrid» 1 utuga razy boldy. Çekeleşikli geçen oýunda ýeňiş gazanan bolmady (2–2). Ýer eýeleri şotlandlaryň gollaryny Furuhaşi (4) bilen Palma (28), ispan toparynyň gollaryny bolsa Grizmann (25) bilen Morata (53) geçirdi.

### «Milan» gol geçirmegi ýatdan çykardy

● **«F» toparçada** tapgyryň iň esasy oýnunda «Pari Sen Žermen» Parižde «Milanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollary 32-nji minutda Mbappe, 53-nji minutda Kolo Muani hem-de 89-njy minutda Li Kan-in derwezä girizdi. 2-nji ýeňşini gazanan PSŽ 1-nji orna beýgeldi. 2 utugy bolan «Milan» Çempionlar Ligasynda bassyr 5 duşuşykdan (geçen möwsümde 2 ýarym final duşuşygy hem bar) bäri gol geçirip bilenok. Ol şeýle antirekorda eýe bolan ilkinji italýan kluby hökmünde hasaba alyndy. PSŽ taryhynda resmi duşuşyklarda «Milany» ilkinji gezek ýeňlişe sezewar etdi.



Dortmundyň «Borussiýasy» myhmançylykda «Nýukasly» Nmeçanyň 45-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda 1–0 ýeňip, Angliýadan ýeňiş bilen dolandy.

### Duşuşygyndan goly köp

● **«G» toparçadaky** 2 duşuşyk hem 3–1 hasabynda tamamlandy. Soňky çempion «Mançester Siti» myhmançylykda «Ýang Boýz» bilen duşuşdy. Geçirilen gollaryň 4-si hem 2-nji ýarymda derwezä girdi. 48-nji minutda şweýsariýaly Akanži «Mançester Sitini» öňe saýlasa-da, 4 minutdan soň Elia owadan gol bilen hasaby deňledi. 67-nji minutda penaltiden, 86-njy minutda-da batly urgy bilen 2 gol geçiren Holann toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Onuň UÇL-däki gollarynyň sany 33-nji duşuşykda 37-ä ýetdi. Ol UÇL-de gol geçiren futbolçylaryň umumy sanawynda 20-nji orna beýgeldi.

Germaniýada geçirilen «Leipsig» – «Srwena Zwezda» duşuşygynda ýer eýeleri 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Nemes klubunyň gollaryny Raum, Simons hem-de Olmo öz atlaryna ýazdyrdylar.

### «Barselonanyň» 200-nji ýeňşi

● **«H» toparçada** «Barselona» topary Ferran Torresiň hem-de Fermin Lopesiň gollary bilen «Şahtýor Doneski» 2–1 hasabynda ýeňdi. Ukrain klubunyň ýeke-täk goluny bolsa Sudakow geçirdi. Bu ýeňiş «Barselona» toparynyň şu ýaryşdaky 200-nji ýeňşi bolup, olar «Real Madrid» (288) hem-de «Bawariýadan» (232) soň bu görkezijä ýeten 3-nji klub boldy.

### Oýna girip, het-trik eden 7-nji futbolçy

● Çempionlar Ligasynyň debýutanty «Antwerpen» topary öz meýdançasynda «Portony» kabul etdi. Duşuşykda ýer eýeleri Ýusufyň 37-nji minutdaky goly bilen 1–0 öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda «Porto» başgaça oýun görkezdi. 1-nji ýarymyň ahyrlarynda oýna giren braziliýaly hüjümçi Ewanilson het-trik edip, «Portonyň» ynamly ýeňiş gazanmagynda esasy roly oýnady. 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Portonyň» beýleki goluny Euştaikiu geçirdi. 46-njy, 69-njy hem-de 84-nji minutlarda tapawutlanan 24 ýaşyndaky Ewanilson UÇL-de oýna soň girip het-trik eden 7-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy.

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 3 | 3 | 0 | 0 | 9-5 | 9 |
| 2 | GALATASARAÝ | 3 | 1 | 1 | 1 | 6-7 | 4 |
| 3 | MAN. ÝUNAÝTED | 3 | 1 | 0 | 2 | 6-7 | 3 |
| 4 | KOPENGAGEN | 3 | 0 | 1 | 2 | 3-5 | 1 |

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FEÝENOORD | 3 | 2 | 0 | 1 | 7-4 | 6 |
| 2 | ATLETIKO MADRID | 3 | 1 | 2 | 0 | 6-5 | 5 |
| 3 | LASIO | 3 | 1 | 1 | 1 | 4-5 | 4 |
| 4 | SELTIK | 3 | 0 | 1 | 2 | 3-6 | 1 |

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 3 | 2 | 0 | 1 | 7-3 | 6 |
| 2 | LANS | 3 | 1 | 2 | 0 | 4-3 | 5 |
| 3 | SEWILÝA | 3 | 0 | 2 | 1 | 4-5 | 2 |
| 4 | PSW | 3 | 0 | 2 | 1 | 3-7 | 2 |

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PARI SEN-ŽERMEN | 3 | 2 | 0 | 1 | 6-4 | 6 |
| 2 | BORUSSIÝA DORT. | 3 | 1 | 1 | 1 | 1-2 | 4 |
| 3 | NÝUKASL | 3 | 1 | 1 | 1 | 4-2 | 4 |
| 4 | MILAN | 3 | 0 | 2 | 1 | 0-3 | 2 |

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 3 | 3 | 0 | 0 | 6-3 | 9 |
| 2 | NAPOLI | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-4 | 6 |
| 3 | BRAGA | 3 | 1 | 0 | 2 | 5-6 | 3 |
| 4 | UNION BERLIN | 3 | 0 | 0 | 3 | 2-5 | 0 |

| Or. | «G» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MANÇESTER SITI | 3 | 3 | 0 | 0 | 9-3 | 9 |
| 2 | LEIPSIG | 3 | 2 | 0 | 1 | 7-5 | 6 |
| 3 | ÝANG BOÝZ | 3 | 0 | 1 | 2 | 4-8 | 1 |
| 4 | SRWENA ZWEZDA | 3 | 0 | 1 | 2 | 4-8 | 1 |

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL SOSIEDAD | 3 | 2 | 1 | 0 | 4-1 | 7 |
| 2 | INTER | 3 | 2 | 1 | 0 | 4-2 | 7 |
| 3 | RB SALSBURG | 3 | 1 | 0 | 2 | 3-4 | 3 |
| 4 | BENFIKA | 3 | 0 | 0 | 3 | 0-4 | 0 |

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 3 | 3 | 0 | 0 | 8-1 | 9 |
| 2 | PORTO | 3 | 2 | 0 | 1 | 7-3 | 6 |
| 3 | ŞAHTÝOR DONESK | 3 | 1 | 0 | 2 | 5-7 | 3 |
| 4 | ANTWERPEN | 3 | 0 | 0 | 3 | 3-12 | 0 |

*UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 3-nji duşuşyklaryň netijeleri:*
**GALATASARAÝ—BAWARIÝA: 1-3**
/Ikardi 30 p — Koman 8, Keýn 73, Musiala 79/
**M. ÝUNAÝTED—KOPENGAGEN: 1–0** /Maguaýr 72/
**SEWILÝA—ARSENAL: 1–2** /Gudel 58 — Martinelli 45+4, Žesus 53/
**LANS—PSW: 1-1** /Wahi 65 — Bakaýoko 54/
**BRAGA—REAL MADRID: 1–2** /Džalo 63 — Rodrigo 16, Bellingam 61/
**UNION BERLIN—NAPOLI: 0–1** /Raspadori 65/
**INTER—RB SALSBURG: 2–1**
/Sançes 19, Çalhanoglu 64 p — Glouh 57/
**BENFIKA—REAL SOSIEDAD: 0–1** /Brais Mendes 63/
**FEÝENOORD—LASIO: 3–1**
/Himenes 31, 74, Zerruki 45+2 — Pedro 83 p/
**SELTIK—ATLETIKO: 2–2**
/Furuhaşi 4, Palma 28 — Grizmann 25, Morata 53/
**PARI SEN-ŽERMEN—MILAN: 3-0**
/Mbappe 32, Kolo Muani 53, Li Kan-In 89/
**NÝUKASL—BORUSSIÝA DORTMUND: 0–1** /Nmeça 45/
**ÝANG BOÝZ—MANÇESTER SITI: 1–3**
/Elia 52 — Akanži 48, Holann 67 p, 86/
**LEIPSIG—SRWENA ZWEZDA: 3–1**
/Raum 12, Simons 59, Olmo 84 — Stameniç 70/
**BARSELONA—ŞAHTÝOR DONESK: 2–1**
/Torres 28, Fermin Lopes 36 — Sudakow 62/
**ANTWERPEN—PORTO: 1–4**
/Ýusuf 37 — Ewanilson 46, 69, 84, Euştakiu 54)





TÜRKMENISTANYŇ SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER BIRLEŞMESINIŇ TELEKEÇILER MEKDEBI

bilimiň täze «Sanly marketing we sanly mahabat» ugry boýunça okuwa ýazylyşygyň başlanandygyny habar berýär.




«Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasy Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýat bölümlerinde «Sanly marketing we sanly mahabat» meýilnamasy boýunça täze okuwy guraýar. Bu okuwyň diňleýjileri ösen tehnologiýalaryň üsti bilen netijeli işewürligi ösdürmek we täze müşderileri çekmek üçin bilim alarlar.
Okuw halkara derejeli, ýokary hünär taýýarlykly mugallymlar tarapyndan alnyp barlar.
Okuwy üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnamalar berler.
Işde üstünlik gazanmak üçin «Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasynda başlanýan «Sanly marketing we sanly mahabat» okuwyna gatnaşmaga çagyrýarys.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
Balkanabat şäherinde: +993222 20723, +99363 460907;
Daşoguz şäherinde: +993322 25072, +99364 779388;
Türkmenabat şäherinde: +993422 47850, +99365 216541;
Mary şäherinde: +993522 73676, +99365 309030.

Abuna–2024




TÄZELIKLERI TÄZELIGINE OKAŇ!

ÜNS BERIŇ!

2024-nji ýylyň I ýarym ýyllygy üçin «Zaman-Türkmenistan» gazetine abuna ýazylyşyk başlandy. Abuna ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz. Şeýle-de, gündelik täzelikleri *zamanturkmenistan.com.tm* internet sahypasyndan okap bilersiňiz.

www.zamanturkmenistan.com.tm INDEKSI 69477